enedilim.com

RAHYM ESENOW

# EZIZ HAN HAKDA HAKYKAT



# EZIZ HAN HAKDA HAKYKAT

*Rahym Esenow*
*Türkmenistanyň halk ýazyjysy, taryh ylymlarynyň kandidaty*

*«ÇÄÇ» döredijilik-önümçilik birleşigi*
*Aşgabat – 1992*

## *Eziz hanyň ölüminiň öň ýanynda aýdan sözi*

Göni ýürekden atyň —
Gaýdaýyn çynar ýaly.
Ýöne ýüzüme degmäň
Hossarym tanar ýaly!

Il bilen el uzatdym
Orta goýlan okara.
Degmändim,
degdirmändim —
Naçar bilen pukara.

Ynha indi gutardy
Eý, hudaý, ýalan ýaly…
— Şundan atyň! —
Görkezýär —
Bir okda alar ýaly!..

*Baýram Jütdiýew*

MAZMUNY


**Eziz han kim bolupdyr?** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . **1**

**Eziz hanyň saýlan ýoly** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . **15**

**Eziz han – Tejen «häkimi»** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . **26**

**Gizlin missiýa** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . **36**

**Duzak** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . **43**

**Hakykat nirede, toslama nirede?** . . . . . . . . . . . . . . . . **53**

# EZIZ HAN KIM BOLUPDYR?

Eziz han kim bolupdyr? Gahrymanmy ýa-da görgülimi? Awantýuristmi ýa-da ykbaly tersmi? Taryhy okuw kitaplary, çeper edebiýat, kinematograf şu wagta çenli ony «talaňçy», «galtaman», «basmaçy», «milletçi», gepiň gysgasy, Sowet häkimiýetiniň, diýmek, öz halkynyňam ganym duşmany hökmünde görkezip geldi. Şular ýaly meňzetmeler bilen häsiýetlendirilýän adamlar hemişe ideýa duşmanlarynyň hatarynda görülýärdi. Şeýle bir kanuny sowal ýüze çykýar: eger ol, hakykatdanam, Sowetleriň duşmany bolan bolsa, näme üçin ony biziň topragymyzy basyp alan iňlisler bilen bile hereket eden ak gwardiýaçylar atypdyrlar? Näme üçin ýetmiş ýyldanam köp wagtlap halka garşy, biziň adamlarymyza duşmançylykly ähli zatlary Eziz hanyň ady bilen baglanyşdyryp geldiler?

Hawa, ol juda gapma-garşylykly şahsyýet bolupdy, edil özüniň ýaşan döwri ýaly, onuň şahsyýeti hem gapma-garşylyklydy. Şonuň üçinem oňa diňe synpy pozisiýadan çemeleşmek hem ony «gyzyl» ýa-da «ak», «ýaşyl» ýa-da «gara» hasaplamak hakykatyň juda ýöntemleşdirildigi bolardy. Ol ýowuz döwrüň perzendidi, onuň döwründe diňe ýekeje zada – kim biziň bilen däl bolsa, ol bize garşydyr diýen pikire gulluk edilýärdi.

Şeýlelikde, Eziz han kim bolupdyr? Onuň hakyky keşbi nähili, onuň hereketleriniň düýp manysy nämede? Bu sowallara bir manyly jogap berip bilmersiň!

Uzyn boýly, eginlek, boldumlaç ýüzüne gelşip duran owadan sakgally, eli arkasyna daňylgy Eziz han düýe ýaly mähnet daşlaryň eteginde durdy, Kaspi tarapdan öwüsýän şemal onuň agarçäkmeniniň eteklerini galgadýardy. Ol ýaýdanyşyp, güýmeň-samaň edişip duran jellatlaryna pikire batyp seredýärdi. Ak gwardiýaçylaryň bir wzwod soldaty hem olara komandirlik edýän çeçen ofiseri, boluşlaryndan çen tutsaň, näme etjeklerini,

nämeden başlajaklaryny bilmeýäne meňzeýärdi...

Öz golastylaryna ýuwaşlyk bilen bir zatlary tabşyran ofiser atylmazyndan ozal gara esgi bilen Eziz hanyň gözüni daňmak üçin onuň ýanyna bardy. Eziz han ajy gülümsiredi.

– Gerek däl! – diýip, ol azmly seslendi. – Gowusy, siz meniň elimi çözüň...

– Onda, serdar, aňryňyza owrüliň – diýdi-de, ofiser hanyň ýüzüne duýgudaşlyk bilen garap, onuň elini çözdi.

– Nähili öleňde näme? – diýip, ol agraslyk bilen ofiseriň ýüzüne seretdi. Ol biygtyýar aşak bakdy. Eziz han çäkmeniniň bagjygyny çözdi, biz köýneginiň ýakasyny iki ýana serpdi, onsoň barmagyny gursagyna, edil emjeginiň üstüne dürtüp gygyrdy.

– Eý, soldatlar! Ilkinji gezekde dynar ýaly, ine şu ýerden atyň!..

Hanyň ýüzüniň ýekeje damaram tisginmedi, onuň bu sözlerinde bilgeşleýin gabarylan bolmakdanam nam-nyşan ýokdy. Soňra ol ofisere tarap öwrüldi-de, parahat ses bilen haýyş etdi:

– Meni musulman däbi bilen jaýlaň.

Eziz hanyň ýüzi birneme agardy, onuň petir ýaly bezelendigi, öň göze ilip durmadygam bolsa, şundan soň mese-mälim boldy.

Eziz hanyň özüne erk edip bilşine haýran galan ofiser näme jogap berjegini hem bilmedi, diňe ylalaşyjylyk bilen başyny atdy, soňra bolsa soldatlara tarap öwrüldi-de, elini salgady.

Başly-barat atylan tüpeň sesi daglara düşüp ýaňlandy.

Çarlaklar aýlagyň üstünde zaryn ses bilen perwaz urdular.

Eziz han ömrüniň iň soňky minutlarynda özüni şeýle alyp bardy. Ýöne bu barada bilýän adam gaty azdy...

60-njy ýyllarda «Prawda» gazetiniň Türkmenistan SSR-i boýunça habarçysy bolup işleýärkäm, «Zakaspide bolşewikler podpolýesi» diýen kitabym üçin material toplaýardym. Soňra şol materiallary çeper eserlerimiň üstünde işlemek üçinem peýdalandym. Moskwanyň, Bakuwyň, Daşkendiň, Aşgabadyň arhiwlerini dörüşdirip çykdym. Oktýabr rewolýusiýasyna hem graždanlyk urşuna gatnaşan adamlar bilen duşuşdym, olaryň ýatlamalaryny ýazyp aldym. Aýratynam Denikin Oswagynyň (oswedomitelnoe agentstwo — maglumat toplaýjy agentlik) – ak

gwardiýaçylar kontrrazwedkasynyň arhiw materiallary gyzykly eken. Näme üçindir, oswagyň Aşgabat arhiwindäki materiallary «gizlin» diýen grif bilen ýedi gulpuň astynda saklanyp gelýär, onuň Sowet goşunynyň merkezi döwlet arhiwindäki materiallary bolsa bir wagtlar aç-açan edildi we olar bilen tanyşmak üçin hiç kimden ýörite rugsat almagyň geregi ýok.

Meniň kitabymyň golýazmasy oňa Türkmenistan Kompartiýasynyň MK-nyň ýanyndaky Partiýa taryhy instituty tarapyndan syn berlenden we talapkär senzuradan geçenden soň, 1974-nji ýylda Moskwanyň «Mysl» neşirýaty tarapyndan çap edildi. Gaty köp gyzykly, şol wagta çenli türkmen okyjysyna belli bolmadyk, Eziz hanyň hakyky keşbini açyp görkezýän faktlary şonda menden biidin aýryp taşlapdyrlar. Beýle adalatsyzlyk bilen men ap-aňsat ylalaşyp oturybermedim, ýöne, aýdylyşy ýaly, palta çüwdesini ýumruklamakdan netije ýok.

Eziz hanyň ogly Hommat Ezizow bilen duşuşmagym meniň şol wagtlar başdan geçiren agyr duýgularymyň öwezini doldy. Ol meniň kitabymy okapdyr-da, öz kakasy hakdaky maglumatlary jikme-jik eşitmek üçin meniň ýanyma gelipdir. Oňa kakasyny görmek miýesser etmändir, ol kakasy atylandan ýarym ýyl soň dünýä inipdir. Meniň aç-açan aýdyp beren gürrüňlerim Hommat üçin täzelikdi. Ýöne onuň özi hem maňa köp gyzykly zatlary gürrüň berdi. Onuň şo hili gürrüňleri meniň tapan käbir dokumentlerimiň hem onuň kakasynyň döwürdeşlerinden ýazyp alan maglumatlarymyň dogrulygyny tassyklaýardy. Arman, ol zatlaryň köpüsi meniň kitabymdan aýrylyp taşlanypdy.

Eziz hanyň kakasy Gurbanmämmet çapyk serdary Ahalda Eýrana hem Hywa alamançylyk edip ýören alaman serdary hökmünde tanaýardylar. Ol Herrikgala obasynyň bagşy-miriş tiresindendi. Ol Çapyk lakamyny bolsa parslar bilen bolan söweşlerde kellesine düşen çuň ýara yzlaryndan alypdy. Onuň Salyh, Kasymguly hem Eziz diýen üç sany ogly bardy: Eziziň ýüzi künji sepilen ýaly owunjak dürtükden doly bolansoň, oňa Eziz gotur diýen lakam galypdy.

Bir gezek Kasymguly hyrlyny oýnap otyrka, seresapsyzlyk edipdir-de, tüpeň göçüpdir, ol hem göni inisiniň ýüzüne degip-

 enedilim.com

dir. Hernä, hyrlydaky peşeň okly däl-de, pagtabent eken, ýogsa uly betbagtçylyk bolaýmaly eken. Şeýdibem, Eziz hanyň ýüzi owunjak dürtük yzyndan dolupdyr. Bu onuň ýüzuni gaty hyrsyz görkezýän eken. Eziz hanyň özi bolsa: «Ýüzümizde bir nyşan bolmasa, bizdenem bir Çapyk serdaryň ogly bolarmy?..» diýip degişer eken.

Geçen asyryň ahyrlarynda ruslar Gökdepe galasyny basyp alanlaryndan soň, Çapyk serdar öz garyndaşlary bilen Tejene göçüp barypdyr. Şol ýerde öý ussasy Sary öýçi bilen dostlaşypdyr.

Birinji jahan urşy başlanypdyr. Ak patyşa türkmenlere ynam etmändir, olary goşun gullugyna almandyr. Diňe meýletin türkmenlerden ybarat bolan Teke polky patyşa goşunynda gulluk edipdir, söweşlere gatnaşypdyr.

Ine birdenem häkimiýetler erkek adamlaryň front ýakasyndaky tyl işleri üçin alynýandygyny yglan edipdirler. Döwletiň bu buýrugyny berjaý etmek bilen uýezd naçalnikleriniň özleri meşgullanypdyrlar. Ýerlerde bolsa bu işi wolostnoýlar hem oba arçynlary amala aşyrypdyrlar. Ýaşyna garamazdan, her bäş öýden bir adam pälä alnypdyr. Bije atylar eken, kimiň bijesi galsa, şol hem maňlaýyndakyny görmeli bolupdyr.

Eziz han Agalaň obasynda «gara bijäniň» köplenç agyr maşgalaly garyp-gasarlaryň «bagtyndan çykyp» durandygyny görüpdir. Görüp otursalar, baý hem barjamly adamlar pul baryny berip, garyp-gasarlary öz ýerlerine tutýar ekenler ýa-da wezipeli adamlara para-peşgeş berip, öýe ogullarydyr aga-inilerini päleden alyp galýar ekenler, olaryň ýerine bolsa ýene garyp-gasarlar iberilýär eken. Tutuş Tejen wolostynda ýagdaý şunun ýaly eken.

Kemsidilen adamlaryň arkasyny tutmak, hakykaty berjaý etmek üçin Eziz han Tejen şäherine wolost naçalnigi Muhammediň ýanyna barypdyr. Wolostnoýyň ýönekeý oba miraby bilen gürleşesem gelmändir, ol hatda bosagada duran Eziz hana otur diýibem mürähet etmändir.

– Bu zatlar seniň işiň däl. Eziz gotur! – diýip, Eziz hanyň sözlerine oňly gulagam asmadyk Muhammet gödeklik bilen jogap beripdir. – Patyşanyň permanlaryna dil ýetirmek abatlygyň üstünden elter öýtme! Gözüňi Sibirde açdyraryn! – Soňra ol

paýyş sögünipdir.

Degnasyna deglen Eziz han wolostnoýyň üstüne topulypdyr, ýöne nökerler onuň elini arkasyna towlapdyrlar-da, pugta daňyp, zyndana taşlapdyrlar. Diňe ýarym aýdan soň Eziz Çapykowa azatlyga çykmak miýesser bolupdyr. Şeýdibem, olaryň arasynda duşmançylyk döräpdir.

– Janymdan geçmelem bolsam, men onuň bilen bir ýerde ýaşaşmaryn. Men Muhammedi Tejenden gümüni çeker ýaly ederin – diýip, Eziz kasam edipdir.

Agalaňyň daýhanlary Eziz Çapykowyň tarapyny tutupdyrlar, pälä alnanlaryň Russiýa ugradylmagyna päsgel beripdirler. Jandarmlar «topalaňçy hem ili azdyrýan Eziz gotury» tussag etmekçi bolanlarynda bolsa, adamlar öz serdarynyň arkasyny tutmak bilenem çäklenmän, ýaraglanmaga-da başlapdyrlar. Şeýdibem, degnasyna deglen halk Eziz Çapykowy aýgytly göreşe galan atlylaryň serdary diýip yglan edipdir. Eziz hanyň ýigitleri şobada wolost naçalnigi Muhammedi ýesir alypdyrlar. Ýöne oňa nähilidir bir ýol bilen gaçmak hem Tejende gizlenmek başardypdyr. Tejende bolsa şol wagtlar gaty köp garyp-gasarlary pälä ugratmaga taýýarlyk görülýär eken. Köp obalaryň ilaty Eziz hanyň otrýadyna goşulypdyr. Kim pyýada, kim öz atyna, düýesine, eşegine münüp gelipdir. Wolostnoý Muhammedi tussag etmek hem pälä ugradyljak adamlary boşadyp goýbermek üçin, olar toplumy bilen Tejene çozupdyrlar.

Ýöne şol wagta çenli patyşa soldatlarynyň şäherdäki garnizony gozgalaňçylara gaýtawul bermäge taýýar edilipdir. Şäher çinownikleridir baý-töreleri hem ýaraglandyrypdyrlar. Demir ýolunyň ugrunda pulemýot bilen ýaraglanan ýörite bronlanan parowozy goýupdyrlar. Marydan soldatlaryň goşmaça güýjüniň gelerine garaşylypdyr. Topalaňçylar Tejeniň etegine ýetýänçäler, köp adamlaryň gylawy gaçypdyr. Munuň üstesine-de, olaryň öňünden tire-taýpa aksakgallarynyň, oba arçynlarynyň, atly-abraýly adamlaryň bir giden wekili çykypdyr, gozgalaň etmezlik, gan dökmezlik barada töwella edipdir. Iň gowusy ak patyşanyň rehimdarlygyna bil baglamagy, päle alnyşygy ýatyrmagy ondan haýyş etmegi maslahat beripdir. Wekiller gozgalaňçylara barybir

Tejeni alyp bilmersiňiz, haý diýmän, Aşgabatdan hem Marydan patyşa goşunlary dökülýär diýipdirler.

Şeýdibem, özakymlaýyn gozgalaňa baş göteren daýhanlar yza tesipdirler. Tejendäki işçilerem olaryň tarapyny tutmandyrlar. Şundan soň şäherde we obalarda adamlary köpçülikleýin tussag etmek başlanypdyr. Eziz hana wepaly adamlaryň kiçijik topary onuň bilen bile Tejen derýasynyň aýagyndaky tokaýlara, jeňňellere siňip gidipdir. Olaryň yzyndan jeza beriji otrýad iberipdirler. Gaçyp barýan pitneçiler kowguçylar bilen atyşypdyrlar, ýöne güýçleriň tapawudy gaty uly eken. Eziz han kowguçylaryň ünsüni esasy topardan çekmek bilen, bäş sany atlyny ýanyna alyp, Eýrana geçmegi ýüregine düwüpdir. Bu ýerde hem Eziz han Eziz hanlygyna galypdyr. Eger türkmen daýhanlaryny gozgalaňa galdyran uly baýlar günalerini boýun alyp, baş egip gelen hem her hili kemsidilmelere çydap, günäleriniň geçilmegini gazanan bolsalar, Eziz han kolonizatorlaryň öňünde baş egmändir.

Eziz han hakda onuň döwürdeşi Garaşhan ogly Ýomutskiniň[1] bellikleri üns bermäge laýykdyr: «Tejen raýonynda türkmen Eziz hanyň syýasy wakalaryň sahnasyna çykmagy hemmeler üçin garaşylmadyk zat bolupdy. Şol wagta çenli Eziz han hakda hiç kim hiç zat bilmeýärdi. . . Ol sada, garyp türkmen bolupdyr, polkownikler Lomakiniň hem Palçewskiniň edara eden döwrün-

[1]Nikolaý Nikolaýewiç Ýomutskiý – patyşa gullugynyň podpolkownigi. Kontrrewolusion pitneden ozal Ýomutskiý tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän Krasnowodsk uýezdiniň musulman deputatlar Soweti Sowet häkimiýeti bilen hyzmatdaşlyk saklapdyr. Türküstan gubernatorynyň öňki kömekçisi, Sowet häkimiýeti berkarar edilenden soň ak gwardiýaçy ofiserleriň iňlisler tarapyndan döredilen, dil düwüşijilikli «Türküstan harby guramasy» diýilýäne ýolbaşçylyk eden Ý. Junkowskiniň berýän häsiýetnamasyna görä, N. Ýomutskiý «biçak mekir adam bolupdyr, bolşewikleriň arasynda, türkmen taýpalarynyň arasynda abraýdan gaçypdyr, diňe özüniň köp sanly garyndaşlaryna daýanypdyr. Bolşewikler döwründe komissar bolupdyr. Krasnowodsk staçka komiteti ony zýýanly adam hökmünde Çeleken adasyna sürgün edipdir. 1913-nji ýylda hem general-gubernator tarapyndan bir ýyl möhlet bilen ülkäniň çäklerinden daşaryk sürgün edilipdir». (ORMDA, f. 446, op. 2, d. 55, l. 14). Oktýabr rewolýusiýasyndan soň ol uzak ýyllar boýy Moskwadaky respublika üçin türkmen intelligensiýasynyň ilkinji milli kadrlaryny taýýarlaýan Halk magaryf öýüne ýolbaşçylyk edipdir.

de uýezd administrasiýasy tarapyndan birsyhly ýanalandygy sebäpli obadan çykyp gitmäge, administrasiýanyň yzarlamagyndan gizlenip, «alamançylara» goşulmaga mejbur bolupdyr, serhet ýakasyndaky pars obalaryna birsyhly alaman edip durupdyr.

Öz işleri hem çozuşlary bilen Eziz han şol döwrüň rus hem pars häkimiýetleriniň adalatsyzlygyna garşy protest bildiripdir. Ol beýlekiler bilen bilelikde türkmen ilatynyň öz kalbynda gizlin formada saklaýan protestini aňladyjy adam bolupdyr»[1].

Eziz han ýene-de öz mähriban topragynda duşuşmak umydy bilen Sary öýçiniň ogly Gyzyl hem beýleki pikirdeş ýoldaşlary bilen aýrylyşýar. Ýöne bu duşuşyk fewral rewolýusiýasyndan soň bolup geçer. Bu baradaky habary Eziz han Owganystanda gezip ýörkä eşider. Il arasyndaky gürrüňe görä şol ýerde Eziz han Türküstandaky sarizme garşy gozgalaňçylyk hereketiniň ýolbaşçylarynyň biri, özi ýaly topalaňçy Juneýit han bilen ilkinji gezek duşuşypdyr. Juneýit han hem Owganystanda rus patyşasynyň hyzmatkär gullarynyň yzarlamagyndan gizlenip ýören eken.

Hamala, Jüneýit han Eziz hana täsir edipmiş, onuň şahsyýetiniň kemala gelmeginde aýgytlaýjy rol oýnanmyş diýen gürrüňler bar. Özüm-ä olaryň haýsynyň beýlekisine täsir, edendigini çürt-kesik aýdyp biljek däl. Belki, tersine bolandyr? Şol wagtlara çenli Eziz han özüniň kimdigini tanadan adam bolupdyr we ýaşynyň tejenli serdaryňkydan uly bolandygyna garamazdan Jüneýit hanyň oňa aýgytlaýjy täsir edendigi gaty gümanamyka diýýärin.

Halk arasynda şeýle rowaýat bar…Eziz hakda ozalam köp eşidip ýören Jüneýit han ony ilkinji gezek görende, oňa göwnündäkini ýaňzydyp şeýle diýenmiş: «Serdar, seniň nähili gowy ýaragyň bar eken! Donuňam gowy eken! Telpegiň hasam ajap eken!». Eziz han onuň näme diýjek bolýanyna düşünipdir, ýöne sesini çykarmandyr. Soňky gezek duşuşanlarynda tejenli serdar Jüneýit hanyň ýanyna sowgatly gelipdir. Ol özüniň iňlis

[1] «Türkmenowedeniýe» žurnaly, 1927, N. 2-3, 19 s.

mauzerini hem, kazak karabinini hem gysganmandyr, egnindäki agarçäkmenini hem gysganmandyr. Hywa, hany hem bergidar bolup galmandyr. Ol hem tejenli hana kümüş uýanly ýomut atyny beripdir. «Telpegiň-ä dözmediň öýdýän? – diýip, Jüneýit han mönsürän bolanmyş. – Ýa-da düşünmediňmi? Telpegiň maňa beýleki zatlaryňdan has gowy ýaraýardy». «– Telpek özümiňki, han aga – diýip, Eziz han gaba telpegini maňlaýyna süýşürip jogap berenmiş. – Ol meniň kellämiň bezegi. Telpegimi bersem, ertir sen meniň kellämi dilärsiň. Kellämi bolsa diňe telpegim bilen bile alyp bilersiň…»

Jüneýit han çyparrak murtunyň astyndan çalaja gülümsiränmiş: «Bu tejenli serdar bilen oýun eder ýaly däl. Ol synagdan kemsiz geçdi».

Ak patyşa ýykylandan soň, Eziz han ýene Tejene dolanyp gelipdir. Ol döwür Türküstanda iki häkimiýetliligiň dowam edýän döwrüdi. Tejende-de ýagdaý şeýledi. Eserlerden hem menşewiklerden ybarat deputatlar Soweti hem öz häkimligini ýöretjek bolýardy, komissarlardyr milisionerleriň geýmini geýen düýnki patyşa çinownikleri – uýezd, wolost naçalnikleri, pristawlardyr olaryň kömekçileri hem öz häkimligini ýöretjek bolup jan edýärdiler. «Mollasy köp bolsa, toklusy haram öler» diýen ýaly, daýhanlaram bir topar hojaýyna elgarama bolup tozupdylar, öz ýerlerini satyp, lýumpen-proletarlaryň hataryna goşulypdylar. Onuň üstesine, şol ýyl ekinem bitmändi. Ülke galagoplykdy, talaňçylyk, ogurlyk artypdy. Ýaş ýigitler baý diýmän, garyp diýmän, öňünden çykan öýlerine kürsäp urýardylar, barja zadyny talap, malyny hem sürüp gidýärdiler.

1969-njy ýylyň baharynda Murgap raýonynyň kolhozlarynyň birinden Gyzyl hany gözläp tapanym ýadyma düşýär. Segsene ýeten gojadygyna garamazdan, ol şol wagtlaram daýawdy, ýaňaklary gyzyl öwsüp durdy, gollary berdaşlydy. Ol şol Çapyk serdaryň goňşusy hem dosty Sary öýçiniň ogly Gyzyldy. Eziz hana ýürek bilen berlen Gyzyl aga graždanlyk urşy döwründe onuň söweşjeň kömekçisi bolupdy. Eziz han öldürilenden soň bolsa Sowet häkimiýetiniň tarapyna geçen Tejen otrýadyna komandirlik edipdi.


enedilim.com

Gyzyl han baryp şol wagtlar, ýagny Oktýabrdanam ozal göreşijiniň şöhratyny gazanan, öz halkynyň azatlygy ugrunda ata çykan adam diýlip tanalan Eziz han hakda köp täze zatlary gürrüň berdi. Tire aksakgallary, mollalar, baýlar, daýhanlar Tejen ilatynyň geňeşinde Eziz handan nökerlere baş bolmagy haýyş edipdirler. Okrugyň iň uly işany oňa il-günüň rahatlygyny bozýan talaňçylara garşy göreşmek üçin pata beripdir. Her obadan iki sany atlyny Eziz hana nöker edip beripdirler. Şeýlelikde, elli sany ýaragly nöker ýygnanypdyr. Olara serdarlyk edýän Ezizi bolsa şondan soň «han» atlandyryp başlapdyrlar. Iňlis razwedkasy bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk saklan Ý. Junkowskiý: «Tejenli Eziz han hakyky han däl. Türkmenler özlerini özlerine degişli däl at bilen bezemegi halaýarlar»[1] diýip, öz hojaýynlaryna habar beripdir.

Gazaply, ýöne adalatly adam bolan Eziz hanyň aýgytly hereketleri oňa meşhurlyk getiripdir. Onuň otrýady Tejen okrugynda talaňçylygyň tepbedini okapdyr. Ýöne obalarda öňküsi ýaly açlyk dowam edipdir, çörek tapylmandyr. Russiýadan hem Daşkentden azyk getirilmändir, ýerli resurslar bilen oňňut etmeli bolupdyr. Halkyň çykgynsyz ýagdaýdadygyny gören Eziz han baýlaryň artyk gallasyny elinden alyp, daýhanlara paýlap başlapdyr. Onuň aýagyndan hemme ýere arz edip çykypdyrlar. Ýöne sada adamlar, mähriban halkynyň azatlygyny arzuw edýän batyr ýigitler Eziz hanyň töweregine üýşüp başlapdyrlar. Olar Eziz hanyň amala aşyrýan işlerini halkyň azatlygyna eltip biljek dogry ýol hasaplapdyrlar[2].

Eziz han öz tiredeşlerinem, pikirdeşlerinem töweregine jemläpdir. uýezd komissarynyň baştutanlygynda Eziz hana garşy çykýan baýlaryň toparlanyşygynyň islegininiň tersine halk Eziz hany Tejen deputatlar Soweti bilen goşulyşan türkmen wolost ispolnitel komitetiniň başlygy edip saýlapdyr[3]. Halkdan çykan serdaryň şöhratynyň artmagy barly gatlaklaryň gonjuna gor guýup-

[1]ORMDA, f. 446, op. 2, d. 55, l. 13.
[2]MLI TF-niň partiýa arhiwi, f. 51, op. 7, d. 51, l. 35.
[3]TSSR MDA, f. 316, op. 1, d. 1, l. 373.


enedilim.com

dyr. Bu aýratynam togtamyşly baýlarda bassaşlyk duýgusyny güýçlendiripdir. Beýle ýagdaý tireler arasyndaky duşmançylygy öjükdiripdir.

Bir gezek togtamyşlar Eziz hanyň ýoklugyndan peýdalanyp, onuň otrýadynyň Tejende galan toparynyň üstüne çozupdyrlar, ony ýaragsyzlandyrypdyrlar. Hatda onuň bir jigidini öldüripdirlerem. Basyp alan ýaraglaryny bolsa Hywa iberipdirler. Ol tüpeňler şol wagtlar Türkmenistanyň demirgazygynda güýç toplap ugran Jüneýit hana satmaga niýetlenen borly. Eziz han Hywa ýarag alyp giden kerweniň yzyndan kowgy gidipdir, Hywa barandan soň onuň yzyndan ýetipdir. Ýaraglary gaýtaryp alypdyr. Ol wagtlar ýarag gyzyla barabar eken. Togtamyşlaryň bu duşmançylykly hereketini, aýratynam nökeriniň öldürilmegini Eziz han geçirdim edip bilmändir.

Mejbury ýagdaýda Hywa gitmegi Eziz hany ýene-de Jüneýit han bilen duşuşdyrypdyr. Ol wagtlar Jüneýit hanyň at-owazasy Türküstana dolan eken. Ol diňe rus sarizminiň kolonizatorçylyk syýasatyna däl, wagtlaýyn hökümetiň hem onuň dikmeleriniňem garşysyna barlyşyksyz göreş alyp barýar eken. Şol wagtlar Jüneýit han hakykat ýüzünde Hywa häkimlik edýär eken. Ol daşyna ýaragly atlylardan ybarat uly otrýad toplapdyr. Ol otrýadyň özenini düzýänem Jüneýit hanyň öz garyndaşlary hem tiredeşleri eken. Şeýdip ol goňşy uly tirelere hem halklara öz hökümini ýöredipdir. Hatda buhara emiri hem ony äsgermezçilik edip bilmändir.

Eziz han öýüne gaýdyp gelenden soň öz ýakyn adamlaryna gören-eşiden zatlaryny aýdyp berenmiş, ol Jüneýit hanyň adalatsyzlygyndan göwnüniň geçendigini mälim edenmiş, çünki onuň öz tiredeşlerine gol ýapyp, goňşy çowdur, gara-daşly, ýemreli, uşak taýpalaryny pes tutuşyny halamanmyş diýip gürrüň edýärler…

Eziz hanyň «ak guş» bolandygyna güwä geçip biljek däl, ýöne bu dogry bolaýanlygynda-da, Eziz hanyň şeýle sagdyn garaýşy hem onuň özüniňem käbir zatlarda Jüneýit hana meňzemegine päsgel bermändir. Emma bu-da Eziz hanyň il arasyndaky meşhurlygyny ullakan pese gaçyryp bilmändir. Onsoňam Eziz

hanyň döwürdeşleriniň ýazgylary hem il arasyndaky rowaýatlaryň birenteginiň hakdygyny tassyklaýar. «Agdarylyşykdan (Fewral buržuaz rewolýusiýasyndan – R. E.) soňky emele gelen häkimiýetsizlik döwründe Eziz han hiç kim garaşman durka özi ýaly bir topar nägile türkmenlerden kiçiräk otrýad döretdi we Tejeniň tas hemme ýerini eline aldy oturyberdi – diýip, Garaşhan ogly Ýomutskiý ýazýar. – Ol hem rus çinowniklerinden, hem ýerli ilatdan ybarat bolan öňki administrasiýanyň garşysyna, şonuň bilen birlikde patyşa zamanynda halk köpçüligini ezip gelen käbir belli türkmenleriň garşysyna göreş alyp bardy. Mysal üçin, ol Saragt raýonyna çozanda ile belli Meňli hany, onuň ogly Baba hany hem beýlekileri öldüripdir.

Şol wagtky häkimiýet başynda duran wagtlaýyn hökümetiň wekilleri Eziz hanyň otrýadyna we onuň hereketlerine üns bilen seredýärdiler. Olar şol bir wagtyň özünde hem-ä Eziz han bilen ülpetsiräň bolýardylar, hemem ony çemlerine salmaga hem ýok etmäge jan edýärdiler.

Özüniň sowatsyzlygyna hem dolandyryş işlerinde tejribesizdigine garamazdan, zanny gujurly hem talantly adam bolan Eziz han öz ýanynda ştab ýaly bir zat döretdi we öz otrýadynda tertip-düzgüni ýola goýmagy başardy hem belli bir plan boýunça hereket etdi[1].

Iki tire arasyndaky baýlary hem, daýhanlary hem öz içine alan duşmançylyk Oktýabr rewolýusiýasyndan soňam galmandyr. Tejende Sowet häkimiýeti yglan edilenden soň, eser-menşewik deputatlar Sowetinde ullakan üýtgän zat bolmandyr. Deputatlar Soweti Däli lakamyny alan Aga Hanjaýewe otrýad düzmekligi tabşyrypdyr. Ol togtamyşlaryň serdarlaryndan biri bolupdyr. Eziz hanyň jigidini hem öldüren Aga däliniň nökerleri eken. Ilki başda 9 adamdan ybarat bolan şol otrýada Baýram galtaman hem ýazylypdyr. Ol hem «galtaman» lakamyny ýöne ýere alan bolmaly däl. Şeýlelikde, Eziz hanyň halkyň erki bilen döredilen otrýadyndan başga Deputatlar Sowetiniň görkezmesi bilen döredilen ýene-de bir gyzyl gwardiýaçylar otrýady diýilýän otr-

[1] «Türkmenowedeniýe» žurnaly, 1927, No 2-3, 20 s.

ýad peýda bolupdyr. Ol otrýadam esasan demir ýol hem şäher çinowniklerinden ybarat eken. Otrýada köplenç rus ilatyndan bolan adamlar, ýagny köne patyşa administrasiýasyndan bolan eserler hem menşewikler giripdir.

Biri-birine duşmançylykly serdarlary hatda Oktýabryň ideýalary hem ýaraşdyryp bilmändir. Türkmenistanda graždanlyk urşuna işeňňir gatnaşan I. I. Lawrikow Eziz han bilen Aga däliniň arasyndaky duşmançylygy tire agzalaçylygy esasynda doran zat hasaplaýar[1]. Gyzyl Saryýew hem iki otrýadyň arasyndaky duşmançylygyň gowşamandygyny tassyklamak bilen, olaryň serdarlarynyň arasyndaky jetligiň düýp sebäbiniň diňe olaryň men-menliginden, birek–birekden ar almak duýgusyna jylawyny berenliginden ybaratdygyny aýdypdy.

Bir gyzyl komissar Tejene gelende, onuň Goşa gorgan diýen ýerde Eziz han bilen duşuşandygyny, ol komissara hemmekişiniň Saryja komissar diýýändigini, ýöne onuň çyn adyny ýadyndan çykarandygyny Gyzyl han gürrüň berdi. Özem şol komissar iki serdaryň arasyndaky gatnaşygyň gowy däldigi sebäpli ynjalman gelen borly. Ol Eziz handan: «Sen näme üçin Aga däli bilen oňşaňok?» diýip sorapdyr. Eziz han hem: «Men Aga däliniň adamlarynyň elinden ölen jigitlerimiň aryny almaly…» diýip jogap beripdir.

Aga däli Hanjaýew şol wagtlara çenli Eziz hanyň jigitleriniň diňe biriniň janyna galyp oňmadyk borly. Elbetde, Eziz han hem «ak guş» bolmandyr, onuň elindenem az adam ölmändir. Özem olaryň hemmesi Sowet häkimiýetiniň tarapdarlary hem däl eken. Taryhy edebiýat Eziz hanyň hereketlerine esasan synpy bähbitlerden gelip çykýan ideýa duşmançylygy hökmünde garap geldi. Totalitarizm hem durgunlyk ýyllarynda biz şeýle diýip tassyklaýardyk. Meniň özüm hem «Zakaspide bolşewikler podpolýesi» diýen kitabymda Eziz hana köp sahypa bagyşlapdym we ony belli derejede şeýle adam edip görkezipdim. Eziz hanyň rewolýusiýada oýnan roluna şu hili garaýyş hemmeler tarapyndan kabul edilen, resmi garaýyş hasap edilýärdi, hemme taryhçylardyr ede-

[1]TSSR MDA, GP 48, l. 288-291.

biýatçylaram şondan ugur alýardylar. Mysal üçin, meşhur bir taryhçy alymyň işinde Eziz han şeýle suratlandyrylýar:

«Eziz Çapykow Tejen uýezdine baryp tomusda (1917-nji ýyl – R. E.) dolanyp gelipdi. 1916-njy ýylda «halkyň öňünde görkezen hyzmatlaryny» perde edinip, bu awantýurist öz arkasynda duran feodal-klerikal elementleriň goldawyndan peýdalanyp, Tejen raýon türkmen ispolnitel komitetiniň ýolbaşçylygyny öz eline aldy we Tejen derýasynyň aýagynda hut özüniň ýarym garaşsyz feodal häkimligini döretmek ýoluna düşdi. Wagtlaýyn hökümetiň organlary onuň işine ýol bermejek bolup synandylar, emma beýle etmegi başarmadylar. Sebäbi şol wagtlar feodal-klerikal aldawa uýan yzagalak tejen daýhanlarynyň bir bölegi Eziz hany goldaýardy. . . Ruhanylaryň goldawyndan giň peýdalanmak bilen, Eziz han hakykat ýüzünde özüniň baýlaryň dikmesidigine garamazdan, Tejeniň yzagalak daýhanlarynyň arasynda abraý gazanmagy başarypdy. . . Ýöne onuň despotik hokgalary baýlaryň bir böleginiň hem uýezd türkmen ispolnitel komitetinde ornaşan türkmen jedidleriniň ondan daşlaşmagyna sebäp boldy. . . »

Meniň bu mysal getiren setirlerim, olaryň awtorynyň Eziz hanyň daýhanlaryň arasynda her niçigem bolsa, «ep-esli abraýynyň bardygyny» boýun almaga mejburdygyna garamazdan, göz-görtele tendensioz mana eýe bolup durýar. Şonda-da awtor hiç bir çynlakaý subutnama, ynandyryjy delil getirmezden, öz pikirini iliň başyna dakjak bolýar. Ol Eziz hanyň roluny peseltjek, ony abraýdan gaçyrjak bolup, diňe wejeralaýjy boş sözleri, teýeneli jümleleri ulanýar, bogazyny ýyrtara getirip gygyrýar. Ol faktlary şeýle aňsatlyk bilen çepbesine çöwürýär. Eziz han babatda «demagog», «awantýurist» diýen ýaly meňzetmeleri dannawsyz gaýtalaýar. . . Onuň pikiriçe, eger daýhanlar öz serdaryny goldaýan bolsalar, olar «yza galakmyş», boş wadalar bilen «ýoldan çykarylanmyş». Eger serdaryň halkyň arasynda abraýy bar bolsa, onuňam hökman bir «emmajygy» bolmalymyş. Hamala, Eziz han şöhratparazmyş, «hut özüniň feodal häkimligini» döretmek barada arzuw edýärmiş.

Awtor Eziz hany kiçeltjek bolup, islese-islemese-de, ony arşa


enedilim.com

göterýär, onuň hakykat ýüzünde tutuş halk tarapyndan – «yzagalak daýhanlar», «feodal-klerikal elementler», «ruhanylar», «baýlaryň hem türkmen jedidleriniň bir bölegi» we ýene-de «baýlaryň bir topary» tarapyndan goldanandygyny boýun alýar.

Şunuň ýaly halk köpçüliginiň goldawyndan, hormat-sylagyndan peýdalanyp bilseň başga näme gerek? Onsoň näme üçin halk arasynda şeýle uly abraýy bolan şahsyýet han bolmaly dälmiş? Bir topar taryhy işlerde Eziz hana ýöňkelýän esasy günä onuň aklarsyz hem gyzyllarsyz, bolşewiklersiz hem menşewiklersiz öz garaşsyz hanlygyny döretmek barada arzuw edendigine syrykdyrylýar. Haýsy bir han şol wagtlar şeýle häkimlik hakda arzuw etmedikä diýen sowal ýüze çykýar. Eger şu günüň nazaryýetinden seredeniňde-de, bu ýerde günälär ýaly zat ýok. Biziň ümmülmez ýurdumyzy özbaşdaklyk humary gurşap aldy, ol köp sanly özbaşdak, garaşsyz döwletlere bölündi. Şolaryň hem kä biriniň territoriýasy Eziz hanyň gurmak islän Tejen ýa-da Mary hanlygyndan uly däl. Käbirleriniň pikiriçe, Eziz han marksistik pozisiýany tutup, Tejen hanlygyndan kommunizm gurmaklygy yglan eden bolsa, tüýs bolaýjak zatmyş…

Bu ýerde hiç kimi günälär ýaly däl. Biziň garaýyşlarymyzy zamananyň ruhy kesgitläpdi we öz pikirimizden ýokary göterilmek biziň köpimize başartmandy. Şo sebäpli hem taryh ylmy, onuň yzy bilen bolsa çeper edebiýat synpy teoriýadan ugur almak bilen, Eziz hanyň şahsyýetine baha bermekde bir taraplaýynlyga, hatda adalatsyzlyga ýol beripdi. Biz ol hakda diňe erbetligiň gürrüňini etdik, ony diňe gara reňkde göz öňüne getirdik, ony öz halkynyň ganym duşmany hasaplap geldik.

Sowet häkimiýetini ykrar eden, başda onuň ynamyna giren, öz ýigitleri bilen Sowet komandowaniýesiniň söweş tabşyryklaryny berjaý eden Eziz han nädip aklaryň sapyna goşuldyka?

# EZIZ HANYŇ SAÝLAN ÝOLY

Maňa şol döwrüň wakalaryny gözi bilen gören Iwan Wasilýewiç Buharenko bilen birnäçe gezek duşuşmak miýesser boldy. Ol Eziz hanyň Sowet häkimiýetine bolan gatnaşygyna käte şol wagtlar bolup geçen tötänleýin wakalardyr faktlaram täsir edipdi diýip hasaplaýardy. Sebäbi döwür çylşyrymlydy, gapma-garşylykly wakalardan doludy. Iwan Wasilýewiç 1918-nji ýylyň maýynda Gyzyl Goşun otrýadynyň komandiri Stepanowyň ýarag almak üçin Guşga gelendigini gürrüň beripdi. Oňa Tejene-de gitmek, Eziz han bilen gürleşip görmek, onuň nähili meýliniň bardygyny bilmek we ýagdaýa görä çäreler görmek hem tabşyrylypdyr. Gyzyl hanyň Eziz hanyň ýanyna gelipdi diýýän Saryja komissarynyň şol Stepanow bolmagy hem ähtimal. Eziz hanyň ilata galla paýlandygyny eşidip, komissar ony öwüpdir. Açlyk ýyllarynda halka çörek paýlamaklygyň nämedigi hakda gürrüň edip oturmagyň hajaty ýok. Her bir han, her bir feodal beýle adamkärçilik görkezip bilmez.

Stepanow Eziz hanyň otrýadyny ýaraglandyrypdyr we jigitleriň uly toparyny ýanyna alyp, Daşkende ugrapdyr. Bu ýerde Eziz hanyň hereketleriniň Sowet häkimiýetine garşy däl diýlip ykrar edilendigi äşgär. Tejen otrýadynyň bir bölegini Daşkentde Türküstan hökumetine garawul edip galdyrypdyrlar. Beýleki bölegini bolsa Dutowyň ak gwardiýaçy goşunlary bilen göreşmek üçin fronta ugradypdyrlar. Frontda Stepanowyň otrýady jlobin otrýady bilen duşuşypdyr. Bu otrýad Jlobin şäherinde döredilipdir. Ol eden-etdiligi bilen, biçak düzgün-tertipsizligi bilen, «aşa rewolýusionerligi» bilen tapawutlanypdyr. 1918-nji ýylyň sentýabrynda Kakanyň eteginde otrýadyň komandiri Ý. Rozenberg wepat bolandan soň, onuň esgerleri gutarnykly bozulypdyr we täzeden formirlenmek üçin frontuň öň hataryndan tyla çagyrylypdyr.

Stepanowyň otrýady bilen jlobin otrýadynyň duşuşygy, has takygy, çaknyşygy tragiki tamamlanypdyr. Munuňam öz sebäbi bar eken. Baryp, 1917-nji ýylda Byhowoda jlobinliler rus goşunlarynyň Ýokary baş komanduýuşisi pitneçi general Kornilowy tussag etmekçi bolupdyrlar. Ýöne Ýokary baş komanduýuşiniň stawkasyna garawulçylyk edýän teke atly polky muňa ýol bermändir. Ine onsoň jlobinliler daş keşbi Kornilowy goran ýigitlere meňzeş nökerleri görüp, Stepanowdan olary ýaragsyzlandyrmagy talap edipdirler. Stepanow bu talaby ýerine ýetirmändir we öldürilipdir. Jlobinliler onuň tutuş otrýadyny ýaragsyzlandyrypdyrlar, şol sanda türkmen jigitleriniňem ýaraglaryny ellerinden alypdyrlar.

Ýaragsyzlandyrylan jigitler Eziz hanyň üstüne çapar iberipdirler. 1918-nji ýylyň 13-nji iýulynda (şu senä üns beriň!) Türküstan MIK-i jlobinlileriň hereketini pitneçilik diýip ykrar edipdir, ýöne olaryň şeýle hereket etmegine, hamala, Stepanowyň otrýady ýaragsyzlandyrmak baradaky teklibi ýerine ýetirmänligi sebäp bolupdyr diýen bahana bilen, Türküstan hökümetine garawulçylyk edýän türkmen otrýadyny hem ýaragsyzlandyrmasa ynjalmandyr.

Ana, şonuň üçinem ýaragsyzlandyrylan jigitler Eziz hana çapar ýollapdyrlar. Şol wagtlar, 1918-nji ýylyň 11-12-nji iýulynda (şu senä-de üns beriň!) Aşgabatda hem Gyzylarbatda kontrrewolýusion pitne tutaşypdyr we Sowet häkimiýeti ýykylypdyr. Onsoň komissarlarda ynamsyzlyk hem şübhe döreden pitne türkmen jigitleriniň Türküstan hökümetiniň gullugynda bolup-bolmazlygynyňam ykbalyny çözen borly.

1918-nji ýylyň 16-njy iýulynda milli hanlar-töreler Büzmeýinde gurultaý çagyrypdyrlar. Oraz serdar[1] bilen Öwezbaýew[2]

[1]Oraz serdar Dykma serdar ogly – tanymal maşgaladan çykan. Peterburgda Nikolaýew atly goşun uçilişesini gutarypdyr. Oktýabrdan soň Türküstanyň RSFSR hökümeti tarapyndan yglan edilen awtonomiýasy hakdaky meseläni çözen Oblast musulman komitetiniň başlygy. 1918-nji ýylyň fewralynda bu komitet dargalylandan soň, Bäherden raýonynda gizlenip gezipdir. Pitneden soň ak gwardiýaçy-milletçilikli güýçleriň komanduýuşisi.

[2]Seýitmyrat Öwezbaýew – garyp maşgaladan çykan. Üýtgeşik ukyplyly-

Eziz hanyň men-menlik damaryny gyjyklap, oňa pitneçileriň otrýadyna goşulmagy teklip edipdir, eger şeýtseň, seni hemme kişi – garyplaram, baýlaram, aristokratlaram han diýip ykrar eder diýipdir.

Özüni Sowet häkimiýeti bilen birleşdirýän ýalňyz eriş bolan gyzyl komandir Stepanowy hem ýitiren Eziz han öz ýigitleriniň ýaragsyzlandyrylandygyny eşidip, ýüzüne haýsy tarapdan howp abanýandygyna akyl ýetirjek bolup uzak wagtlap ejirli oýlary başdan geçiripdir. Birleri dilde dostdugyna ynandyryp, iş ýüzünde dönüklik edýärler, başga birleri bolsa oňa han bolmagy wada berýärler. Ony hemme kişiniň, diňe garyplardyr baýlaryň däl, Aşgabadyň täze pitneçil hökümetiniňem ykrar etjekdigini tassyklaýarlar. Özem ol hökümet Eziz hanyň jigitlerini ýaragsyzlandyrmak bilen, ony äsgermezlik eden adamlara garşy urşup ýör.

Elipbiýdenem, syýasatdanam sowatsyz Eziz han, I. W. Buharenkonyň pikirine görä, bu bolýan zatlara akyl ýetirip bilmändir, ugruny ýitiripdir. Oňa Oraz serdaryň teklibini kabul etmekden we öz otrýady bilen bilelikde eýýäm aklaryň eline geçen Mara gelmekden başga çäre galmandyr.

Şeýdip, bir giden dürli ýagdaýlar, käte bolsa iki tarapyňam oýlanyşyksyz hereket etmegi Eziz han bilen Sowet häkimiýetiniň özara gatnaşygyna uly täsir edipdir. Eziz han halk häkimiýetinden barha arany açypdyr. Şeksiz zehinli, merdana hem buýsançly Eziz han özüniň düýnki ak ýürek bilen kömek berip ýören, olaryň pozisiýasynyň berkemegine ýardam eden adamlaryna protest bildirip, ak gwardiýaçylaryň hataryna geçýär oturyberýär. Ýene Eziz han, ähtimal, öz isleginiň tersine şeýle ýoly saýlap

gy üçin Türküstan general-gubernatory tarapyndan kadet korpusyna okuwa berlipdir. Žunkowskiniň bu adamlara beren häsiýetnamasy gyzyklydyr. Oraz serdar «düýbünden messepsiz…mekir». S. Öwezbaýew diňe Enwer paşanyň şöhratyny gazanmak arzuwyny edýär Beýle bir tanymal maşgaladan däl. Ýöne gaty gujurly, Serdaryň üsti bilen hereket edýär. Iňňän gyzma hem diliniň eýesi däl, Sowet häkimiýetiniň garşysyna çykyn eden atly otrýady döretmek üçin komitetden (Türküstan harby guramasyndan – R. E.) iki million manat pul alypdyr. (ORMDA, f. 446, op. 2, d. 55, l. 14-15).

almak bilen, täze «hojaýynlaryna» ýaranjak bolup asla pikirem etmändir. Barrikadanyň aňry ýüzünde-de, ol Eziz hanlygyna galypdyr, özbaşdak hereket edipdir, öz diýenini edipdir, hiç kime boýun synmandyr, hemişe we hemme zat barada öz ynanjyna eýeripdir.

Taryh boýunça okuw kitaplaryndan mälim bolşy ýaly, Eziz han aklaryň lagerine öz ýany bilen 1000 nöker getiripdir, şolaryňam ýary atly jigit eken. Eziz hanyň elinden ölen Aga däli Hanjaýew bilen Baýram galtamanyň gyzyl gwardiýa otrýadynda bolsa bary-ýogy 50-ä ýeter-ýetmez adam bar eken. Olaryňam köpusi ýa gaçyp gidipdir, ýa-da Eziz hanyň tarapyna geçipdir[1].

Bu nämäni aňladýar? Bu Tejen ilatynyň Eziz hany öz serdary hökmünde ykrar edendigini, onuň üçin özlerini oda-suwa urmaly bolsa-da taýýar bolandygyny aňladýar.

Eziz han ak gwardiýaçylaryň hataryna ikirjiňlenmezden ap-aňsat geçip oturybermändir. Oraz serdar: «Ýa-ha biziň bilen bol, ýa-da bolşewikleriň ýanyna git» diýip, onuň öňünde ultimatum goýanda, Eziz han oňa: «Men patyşa däl, adamlar bilen maslahatlaşyp göreýin, soň aýdaryn…» diýip jogap beripdir.

Aksakgallaryň maslahatynda ýaşulular, mollalar, baýlar oňa haýal etmän ak gwardiýaçylaryň tarapyna geçmegi maslahat beripdirler. Ol adamlar diňe syýasy klimata täsir ýetirmek bilen çäklenmändirler, adamlaryň meýil-matlaplaryna-da uly täsir ýetiripdirler. Olar öz geňeşiniň dogrulygyny esaslandyrmak üçin Eziz hanyň nökerleriniň ýaramaz ýaraglanandygyny aýdypdyrlar, Oraz serdaryň topy, pulemýoty, köp goşuny bar diýipdirler. Iň esasy zat bolsa bolşewikler saňa köp gezek dönüklik etdiler, olaryň türkmen bilen dini hem başga diýipdirler.

Oraz serdar hem onuň arkasynda duran iňlisler Eziz han özleriniň erkini sadyklyk hem köre-körlük bilen berjaý eder ýörer öýdüpdirler. Ýöne olaryň bu tamasy çykmandyr. Komanduýuşinisem, täze dörän Aşgabat hökümetiniňem buýruklarydyr görkezmelerini ol ýa-ha ret edipdir ýa-da ýerine ýetirmändir.

[1]TSSR MDA. f. 171, po. 1, d. 70, l. 16.

Basym Eziz han bilen Oraz serdaryň mäşiniň bişişmejekdigi aýan bolýar. Eziz han Oraz serdaryň nökerleriniň ilatyň gallasyny hem beýleki azyk önümlerini elinden alýandygyny bilip ör-gökden gelýär.

– Halkyň bugdaýyny elinden alma! – diýip, komanduýuşiniň ertir özüne-de daýhanlary talamagy buýurjakdygyny bilen Eziz han aýdypdyr. – Olar açlygyndan öläýmeli däl ahyry! Öz halkyňy talajak bolsaň, urşup ýörmegiňem geregi ýok!

Meniň goşuna iýdirmäge zadym ýok! – diýip, Oraz serdaryň girre gahary gelipdir. – Meniň adamlaryma sen-ä öz bugdaýyňy beräýesiň ýok!

– Onuň ýaly bolsa munça ýal ýagysyny yzyňa tirkäp ýörmäň näme?! – diýip, Eziz onuň jogabyny beripdir.

Eziz hanyň Sowetler wagtynda halka galla paýlap, özüne bolsa şunuň ýaly agyr ýagdaýda hem zat bermändigi üçin Oraz serdaryň içinde kitüw galan bolmagy ahmal. Eziz han, hakykatdanam, öz çöregi bilen ak gwardiýaçy leşgerleri eklemek islemändir.

Şeýdibem iki serdar oňuşmandyr. Eziz han gyzmalyk edip, ýaraga ýapyşypdyr. Oraz serdar öz garawullaryny kömege çagyrypdyr. Ýöne olaryň arasyna düşüpdirler. Şu çaknyşykdan soň, olar biri-birini halamandyr, iki arada duşmançylyk döräpdir. Bu duşmançylyk üçin sebäp ýeterlik bolupdyr. Tanymal hem baý nebereden bolan general Oraz serdar tötänleýin han bolup oturyberen garamaýak mirap Eziz gotura göwnüýetmezçilik edipdir. Arakdan-neşeden habarsyz Eziz han hem hemişe agzyndan arak ysy aňkap duran Oraz serdary görenden jyny atlanypdyr. Ýaşy bir çene baran generalsumak özüniň halamalygy bilenem sypaýy hem päkize Eziz handa ýigrenç döredipdir. Bu kelte boýly, etli-ganly generalyň bilindäki gylyjy hemişe ýere degjek-degjek bolup süýrener ýatar eken.

«Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz» diýip ýöne ýere aýtmandyrlar. Ähli goşunyň komanduýuşisi bolan Oraz serdar Eziz hanyň lepbeý diýip durmagyny isläpdir, ony gowuşgynsyzlykda aýyplapdyr. Onuň pikiriçe, Eziz hanyň jigitleri hem ýürek bilen, yhlas bilen gulluk etmeýärlermiş, sowet goşunlaryna garşy

geçirilýän operasiýalara gatnaşmakdan boýun towlaýarlarmyş. «Eziz hanyň türkmen atly otrýady duşmanyň arkasyndan uzaklara aýlanyp, razwedka geçirdi, ýöne bu iş gaty gowşak hem netijesiz geçirildi»[1] diýip, ak gwardiýaçylaryň komandowaniýesine iberilen maglumatda aýdylýar.

1918-nji ýylyň 12-nji awgustynda iňlis interwentleri Artygyň ýanynda serhetden geçip, Baýramalynyň eteginde sowet goşunlary bilen söweşe girenlerinde, Eziz han öz nökerlerini ak gwardiýaçylaryň pozisiýalaryndan aýryp, Agalaňa çekilýär. Şol ýerde onuň ýokdan bar edip tygşytlan bugdaýy bar eken. Ol frontdanam eli boş gitmändir. Öz otrýadyny ýarag bilen üpjün edipdir, bir pulemýot bilen bir artilleriýa topuny äkidipdir.

Eziz hany ýene ejirli oýlanmalar öz girdabyna alypdyr. Kimiň tarapyny tutmaly? Bolşewikleriň ýanyna gitmelimi? Oraz serdaryň ýanyndan ol öz nökerlerini okuň astynda galdyrmajak bolup gaýdypdyr. Iki at depişer, arasynda eşek öler edesi gelmändir... Munuň üstesine-de, iňlisleriň bu ýere süsdürilip gelmesi näme? Öňki gelmişekler – sarizm bilen onuň kethudalary azmydy? Bolşewikleriň ýerine gelen Aşgabat häkimleriniň olardan näme gowulygy bar? Doňzuň agy näme, garasy näme? Bary bir doňuz dälmi?! Eziz han başa gelenini görübermeli bolar diýen pikire gelýär. Häzirlikçe bolsa öz bugdaýyna berk bolmagy, gyzyllaram, aklaram, iňlislerem Agalaňa goýbermezligi ýüregine düwýär. Eziz hanyň hemme hereketleri onuň şol wagtlar hiç bir tarapa-da ynam etmändigini tassyklaýar...

Frontda bolsa gan döküşikli söweşler dowam edipdir. Şol söweşleriň gidişinde Oraz serdaryň yzyna düşen türkmenler köp gyrlypdyr. Aklaryň hökümeti goşun gullugyna alnan düýnki daýhanlary öňdäki pozisiýalara iberipdir. Harby düzgün-nyzam öwredilmedik, reňdar milli donly, gaba telpekli türkmenler gyzyl-esgerler üçin oňat nyşana bolupdyr. Olar telpegini okopdan çykardygy bes, patladyp urupdyrlar. «Şeýdip gaty köp türkmen öldi – diýip, şol wakalary gözi bilen gören K. Leýn ýatlaýar. – Sähranyň buýsançly, päk ýürekli, ynanjaň ogullary, sähranyň

[1]ORMDA, f. 446, op. 2, d. 55, l. 13.

rysarlary awantýuristleriň bir toparjygynyň syýasy pyrryldagy sebäpli bigünä wepat boldular»[1].

Ak gwardiýaçylaryň hem iňlisleriň birleşen güýçleri gyzyllaryň pugta berkidilen pozisiýalaryny alyp bilmän, Kakadan iki gezek yza çekilipdirler. Sowet komandowaniýesiniň elinde öz goşunlarynyň tylynda, ýagny Agalaňda ak gwardiýaçylaryň pozisiýalaryny taşlap gaýdan Eziz hanyň otrýadynyň bardygy hakdaky maglumat bar eken. Ýöne olar Eziz hanyň näme niýetiniň bardygyny bilmändirler. Iň kyn pursatda özleriniň arkasyndan zarba urar öýdüp howatyrlanypdyrlar.

Şonuň üçinem Zakaspi frontunyň komandowaniýesi iki otrýadyň – Borisoglebow hem Mary otrýadlarynyň güýji bilen Eziz hanyň otrýadyny Agalaňdan urup çykarmagy, has takygy, derbi-dagyn etmegi ýüregine düwýär. Ýöne sowet komandowaniýesi şeýle karara gelmezden ozal, Eziz hanyň näme üçin aklaryň arasynda däl-de, öz dogduk obasyndadygynyň sebäbine göz ýetirjek bolubam azara galmandyr. Sowet komandowaniýesi hatda gan dökmezden ýeňiş gazanmak hakda-da pikir etmändir. Eziz hanyň närazylygynyň, ikirjiňlenmeleriniň düýp çeşmelerine, sebäplerine düşünjegem bolmandyr. Eger sowet komandowaniýesi gyzyl komissar Stepanowyň göreldesine eýerip, Agalaňa parahatçylykly delegasiýa iberen bolsady, ähtimal, Eziz han gyzyllaryň tarapyna geçse-de geçerdi. Asly daýhan bolan Eziz hanyň urşasy gelip durmandyr. Ol bimaksat gan dökmejek bolup aklaryň ýanyndan gaýdypdyr ahyry.

Men Gyzyl aga Saryýewden näme üçin Eziz hanyň nökerleri sowet otrýadlary bilen söweşe girdiler diýip soranym-da, ol Eziz hanyň ilki asla hiç kim bilen uruşmak niýetiniň bolmandygyny aýtdy. «Biz diňe. gorandyk, biziň üstümize geldiler, bizem olara gaýtawul berdik. Duşman bilen duşman ýalam bolunýar-da…» diýdi. Ol Eziz hanyň Aga däli Hanjaýewi, Baýram galtamany we beýleki pidalaryny öldürmeginiň sebäbini hem şeýle düşündirdi.

Gyzyl han adamlaryň ölümi hakda bolaýmaly zat ýaly gürrüň berýär. Uruş uruş bolýar, duşmanam duşman bolýar, ýigit

[1] MLI TF-niň golýazmalar fondy, d. 136, s. 37.


enedilim.com

hökman öz duşmanyny öldüräýmeli, sen ony öldürmeseňem, ol seni öldürjek. Eger keseki ýurtlulular bilen urşulýan bolsa, seniň janyňa gan çaýkap, ýurduňy, erkinligiňi…basyp almaga gelen basybalyjylar bilen urşulýan bolsa, Gyzyl hanyň sözlerine hä diýse-de boljak. Ýöne nähak gan dökulmegi, aslynda graždanlyk urşy diýen zat adamkärçilige sygýan zatmy? Emele gelen ýagdaýyň emri bilen bir halk, bir taýpa, bir tire barrikadanyň dürli tarapynda galsa, bu kowahada laýyk zatmy? Ýeri, iki ildeşiň, iki sany daýhan oglunyň – Eziz Çapykow bilen Aga Hanjaýewiň paýlaşyp bilmeýän zady näme diýen sorag ýüze çykýar. Dogan dogany gyrmaga mejbur edýän gyrgynçylykly urşuň elhenç tragediýasy, akmakçylykdygy hem şundan ybarat. Elhenç betbagtlyklaryň üstünden elten totalitar sistemanyň geçmişden alan mirasynyň nogsany hem şundan ybarat. Totalitar sistema uzak ýyllar boýy hanlaryň hem baýlaryň milli buržuaziýanyň, milletiň güli bolan intelligensiýanyň, soňra bolsa kulakçylyga çekilen million we million orta daýhanlaryň edil özümiz ýaly adamlar bolandygyny gizlejek bolup elinden gelenini edip geldi. Olaryň başarnygynyň biziňkiden pes däldigini, watany bizden pes söýmeýändigini, ol hakda bizden pes alada etmeýändigini gizläp geldi. Ol adamlar halk duşmany atlandyryldy.

Eger sowet komandowaniýesi parasatlylyk, sowukganlylyk, çeýelik görkezen bolsady, Zakaspide köp gandöküşlikden sypmak boljak eken. Şonda, ähtimal, Eziz hany hem rewolýusiýanyň bähbidi üçin gorap saklamak bolardy. Ýüzlerçe ýaş ýigitleriň ömür tanapy gyrylmazdy. Köp sanly gyzyl esgerlerem, şol sanda Borisoglebow otrýadynyň komandiri Matweýenko hem heläk bolmazdy. Olar Eziz hanyň garşysyna geçirilen paýhassyz operasiýada heläk bolupdylar we bu soňra Eziz hanyň üstüne esasy günä hökmünde ýüklenipdi.

Soňra Zakaspi frontunyň rewolýusion harby sowetine ýolbaşçylyk eden, rewolýusiýadan ozal Tejende ýaşan we Eziz hany tanaýan N. A. Paskuskiý gyzyllaryň yza çekilmeginiň (1918-nji ýylyň oktýabrynyň ahyrynda sowet goşunlary Tejeni hem tutuş Mary oazigini taşlap gitmäge mejbur bolupdy) sebäplerini çintgäp, gyzyllaryň otrýadlarynyň Eziz hanyň garşysyna geçiren

operasiýasyna goýberilen ýalňyşlyk hökmünde baha beripdir. Nikolaý Antonowiç Agalaňyň üstüne hüjüm etmän, gepleşikler geçirmek üçin ol ýere parahatçylykly delegasiýa iberilmeli eken diýip hasap edipdir[1].

Bu ýagdaýlaryň düýp manysyna göz ýetirmek üçin şol günlerde bolup geçen wakalary göz öňüne getirip göreliň. «Türkmenistan SSR-nyň taryhynda» şeýle diýilýär: «15-nji oktýabra geçilýän gije iňlis komandowaniýesi Eziz Çapykowyň bandasyny iňlis ýykgynçylary bilen bilelikde Tejen stansiýasyna taşlady. Çapykowçylar hem interwentler Tejen şäheriniň ýarysyny ýandyrdylar we parahat ilaty wagşylyk bilen jezalandyrdylar…»[2].

Ýöne awtor, näme üçindir, hiç bir çeşmä salgylanmaýar. Bu «ile äşgär edilen» fakty menem özümiň «Zakaspide bolşewikler podpolýesi» diýen kitabymda peýdalanypdym. Şonda men Eziz han Duşagyň eteginde gyzyllar bilen söweşe girdi we olar 60-a golaý öli adam ýitgi çekdiler diýip tassyklapdym. Gynansagam, men bu fakty gaty şübheli, belki, juda tendensioz çeşmä salgylanyp getiripdim. Men başga hiç bir ýerden şu getirilen sanlara tassyknama tapmadym we häzir olaryň dogrulygy mende uly şübhe döredýär. Beýle şübhe üçin esas ýogam däl.

Hakykat ýüzünde Eziz han şol wagt gyzyllar bilen söweşe girip biljek däldi diýip, şol bir wagtyň özünde Zakaspi frontunyň hem harby-syýasy bölüminiň ýolbaşçysynyň, hem razwedka gullugynyň wezipesini ýerine ýetiren I. W. Buharenko şaýatlyk edýär. Şol günler Eziz Çapykow sowet goşunlarynyň garşysyna hiç hili iş görmändir. «Munuň üstesine-de, iňlis hem ak gwardiýaçylar komandowaniýesi 14-nji oktýabrdaky uly hüjüm ediş operasiýasyna Çapykowy hem çekmäge synanypdy – diýip, Iwan Wasilýewiç dowam edýär. – Iňlis komandowaniýesi Duşak stansiýasynyň ýanynda hüjüme geçmegi ýüregine düwüpdi we şol bir wagtyň özünde Eziz Çapykowyň gatnaşmagynda Tejen şäherini eýelemek üçinem öz otrýadyny iberipdi. Eziz han iňlisleriň tabşyrygy bilen Göksüýri hem Tejen stansiýalarynyň aralygyn-

[1]MLI TF-niň partiýa arhiwi, f. 51, op. 7, d. 51, l. 35-40.
[2]«Türkmenistan SSR-niň taryhy», t. 2, 1957, 130 s.

-da demir ýoly bozmalydy, şeýdibem Garmansagatda, Tejende hem Duşakda ýerleşýän sowet otrýadlarynyň hereketini daňyp taşlamalydy...Interwentleriň demir ýoluny bozmak baradaky tabşyrygyny Eziz han ýerine ýetirmedi. Bu bize iki polkuň güýji bilen duşmany Duşakdan urup çykarmaga mümkinçilnik berdi, duşman uly ýitgiler çekdi»[1].

1918-nji ýylyň iýulynyň aýaklarynda, heniz sowet goşunlary yza çekilip başlamanka, aklaryň Aşgabatdaky pitnesiniň yzysüre öňki ofiser Allaýarow öz nökerleri bilen Sowet häkimiýetiniň duşmanlarynyň tarapyna geçipdi. Allaýarow Daşkendiň harby halk komissary, soňra iňlis agenti bolup çykan Osipowyň ynamyndan peýdalanýardy. Ol Osipowdan «ak gwardiýaçylar bilen göreşmek üçin wagşy diwiziony (400 adamdan ybarat)» döretmäge 250 müň manat pul alypdyr. Il içinde Allaýar tat ady bilen meşhurdygyna garamazdan, özüni Allaýar han diýip yglan edipdir. Gabawa düşen Guşgy garnizonyna garşy harby operasiýalara gatnaşypdyr. Şonuň ýaly hem Tejeniň talanmagyna işeňňir gatnaşypdyr[2].

1918-nji ýylyň 14-nji oktýabryndan 15-nji oktýabryna geçilýän gije Tejeniň üstüne çozulmagynyň, şäheriň talanmagynyň, onuň bir topar ilatynyň öldürilmeginiň, dermanhananyň otlanmagynyň Eziz hanyň otrýadynyň üstüne ýöňkelendigini hem gepiň gerdişine aýdyp geçmegimiz gerek. Hakykatda bolsa bu talaňçylyk, wagşylyk Allaýar tatyň wagşy diwiziony, ak gwardiýaçylar, interwentler, hususanam, türkmen geýimi geýdirilen sypaýylar tarapyndan edilipdir. I. W. Buharenko dermanhananyň eýesi B. L. Barasyň iňlis interwentleri tarapyndan Türkmenistana ýetirilen ýitgini kesgitlemek baradaky komissiýanyň adyna ýazan arzasyna hem onuň bilen eden ýüzbe-ýüz gürruňine salgylanmak bilen, Tejeni otlanlaryň hem onuň ilatyny gyranlaryň ak gwardiýaçylar hem iňlislerdigini tassyklaýar. Bu wagşyçylykly eden-etdiligi B. L. Baras hut öz gözi bilen görüpdir. Ýöne ot ýanman, tüsse çykmaz diýipdirler. Çemine gelen zady sypdyryp

[1]MLI TF-niň partiýa arhiwi f. 51, op. 7, d. 51, l. 35-52.
[2]SGMDA. f. 110, op. 23, d. 609, l. 262.

goýberse, Eziz hanyňam Eziz han bolmadygy bolýar. Ähtimal, ata-babalaryna çeken alamançylyk damary gozganan bolmaly, her näme-de bolsa, şol tragiki gije Eziz hanyň nökerleri eýýäm talaňa salnan şähere barypdyrlar. Dermanhanaçynyň maşgalasyny hem Paskuskiniň uýalaryny Agalaňa alyp gidipdirler[1].

Garawsyz naçarlary alyp gitmek Eziz hana nämä gerek bolduka? Girew hökmünde äkitdimikä? Ýa-da olary öz nökerlerinden halas etmek üçin şeýtdimikä? Görnükli sowet işgäri Paskuskiniň, Eziz hanyň adalatly, päk göwünli adam, hökmünde tanaýan adamynyň uýalarynyň ýesir äkidilmeginiň taryhy henize çenli gizlin syrlygyna galýar. Iň esasysy ýesir äkidilen aýallara hut Eziz hanyň özi howandarlyk edipdir we olara hiç zat degilmändir. Hiç kim olary agyrtmandyr, olar aman-sag öýlerine dolanyp gelipdirler. Dermanhanaça-da hiç zat edilmändir.

Şu ýerde Eziz han, gürrüňlerde, birentek işlerde görkezilişi ýaly ýowuz, birehim adam hökmünde däl-de, başgarak şekilde göz öňüne gelmeýärmi näme? Diýmek, halk tarapyndan ykrar edilen Tejen «hökümdary» iň bir ýowuz zamanada-da arkasyza arka durmak, biçäre adamlara duýgudaşlyk etmek duýgusyny ýitirmändir eken. Muňa tüýs türkmen häsiýeti diýerler.

[1]MLI TF-niň partiýa arhiwi, f. 61, op. 7, d. 51, l. 35-52.


enedilim.com

# EZIZ HAN - TEJEN «HÄKIMI»

Takmynan 1918-nji ýylyň güýzünde Zakaspiniň halky Funtikowyň wagtlaýyn ispolnitel komiteti diýilýän Aşgabat hökümetiniň galplyk perdesidigine, buržuaziýanyň hem ak gwardiýaçy ofiserleriň şol perdä bukulyp bet niýetlerini amala aşyryp ýörendiklerine göz ýetirýär. Soň-soňlar mälim bolşuna görä, Aşgabat hökümetiniň arkasynda çernosotençi «Türküstan harby guramasy» durýar eken. Ol guramany bolsa iňlis razwedka gullugy jomartlyk bilen ekläpdir. Adamlar wagtlaýyn ispolkomyň dargadylandygy hem tussag edilendigi, harby diktaturanyň berkarar edilendigi barada aç-açan gurrüň edipdirler. Ilki batlara demokratiýa hakda, «aýry-aýry şahsyýetlersiz Sowet häkimiýeti» hakda bogazyna sygdygyndan gygyran reaksionerler, buržuaz partiýalaryň liderleri hem ýüzlerinden perdesini syrypdyrlar.

Dolandyryjy toparlar – iňlis komandowaniýesi, aklaryň ştaby, graždan häkimiýetleri, milli «kethudalaryň» liderleri banka salnan möýlere meňzeýärdiler. Daşyndan göräýmäge hemme zat allanäme ýalydy. Ak gwardiýaçylar hökümeti iňlisleri «goragçylar» atlandyrýardy. Denikin Oraz serdary generallyga geçiripdi. Ýeňsikçi general bolsa bar zady unudyp, iňlis interwentleriniň baştutany Mallesonyň albaýyna imrinýärdi. Bu ýakasy belli razwedkaça Buhara emriniň adyndan birinji derejeli Buhara ýyldyzy ordenini getirip beripdi. Hakykatda bolsa olaryň bary ikiýüzlülik edýärdi, biri-birine janyny ynananokdy. Iňlisler Türkmenistany 25 ýyllap okkupirlemäge razylyk aljak bolup, ellerinden gelenini edýärdiler. Milli «kethudalaryň» goltugyna garpyz gysdyrýardylar. Olary wagtlaýyn ispolkoma hem ak gwardiýaçy ofiserlere garşy öjükdirýärdiler. Şol bir wagtyň özünde-de iki tarapy-da özleriniň «dostlugyna hem ak ýüreklidigine» ynandyrmaga jan edýärdiler. Azerbaýjandan polkownik Biçerahowyň ak kazak goşunlary Aşgabat hökumetine kömege geljek bolanda, iň-

lisler olary Krasnowodskiniň üstünden goýbermändiler. Ol ýerde tas uly çaknyşyk bolupdy. Ana, şonda Aşgabat hökümetiniň ministri Zimin ýene bir gezek okkupantlaryň «rehimdarlygyna» sezewar bolup, Mallesonyň «gödekliginden» zeýrenipdi.

Zakaspide täze hojaýynlaryň – iňlisleriň peýda bolmagy hyjuwlary hasda tutaşdyrdy, hilegärlik düwnüni has berk çigdi. Buržuaz liderleri okkupantlar bilen ak gwardiýaçylaryň arasynda iki ýana urunýardylar. Bir interwentler bilen gepleşikler geçirýärdiler, bir ak gwardiýaçylar bilen. Olar Zakaspini Denikiniň meýletin goşunynyň komandowaniýesiniň we Sibiriň Ýokary hökümdarynyň (Kolçagyň) territoriýasy diýip ykrar etmek barada akt taýýarlapdylar. Ýöne munuň özi milli «kethudalara» tire-taýpa serdarlarynyň, hanlaryň, baýlaryň gizlin maslahatyny geçirmäge sähelçejigem päsgel bermändi. Şonda «Öwezbaýewiň partiýasy ruslar bilen gutarnykly arany üzmeli diýip aýak diräpdir, maryly Guljemal hanyň wekilleri bolsa türkmenler ruslarsyz oňup bilmez diýipdirler».

Denikiniň oswagynyň dokumentlerinde bellenişi ýaly, iňlisleriň «türkmenleriň hem ýomutlaryň arasynda» «arkaýyn propaganda» geçirip ýörmegi, Öwezbaýewiň türkparazlygy, han Ýomutskiniň «meýletin goşunyň zyýanyna edýän» hereketleri ak gwardiýaçylaryň komandowaniýesiniň kejebesini daraldypdyr. Ýöne munuň özi «meýletin goşunyň kuwwaty» bilen tanyşmak üçin han Ýomutskiniň baştutanlygynda Demirgazyk Kawkaza gelen delegasiýasy Denikiniň mähirli garşylamagyna päsgel bermändir[1].

Şol wagtlar Zakaspiniň şäherlerinde galla ýetmezçilik edipdir. Häkimiýetler azyk toplamak üçin obalara ygtyýarly wekiller iberipdirler. Ýöne olar eli boş dolanyp gelipdirler. Çärek nobatyna duran adamlaryň hatary barha uzapdyr. Ak gwardiýaçylaryň «Golos Sredneý Aziýi» diýen gazeti (1918-nji ýylyň 2-iji hem 12-nji oktýabrdaky sanlary) okyjylara ýüzlenip, şeýle zeýrenýärdi: «Bazarlar-da etiň ady ýitdi. . . Dükanlarda ýag, sabyn, otluçöp

[1]ORMDA. f. 446, op. 2, d. 55, l. 16, 89, 92; d. 56, l. 65, 77, 78, 115, 154. TSSR MDA, f. 580, op, 1, d. 2, l. 278. SGMDA, f. 110, op. 23, d. 3, l. 536.


enedilim.com

ýok. . . Gandyň deregine. . . hapa kişmiş. Süýdüň bahasy ýokary galdy. . . Şäher gubara gark bolup barýar. . . »

Zakaspiniň şäherlerinde, aýratynam Aşgabatda jelepçilik möwjäpdi. Jelepleriň sany soldatlaryň sanyndan kändi. Spekulýantlar ýagyşdan soň çykan kömelek ýaly köpdi. Azyk önümleriniň bahasy biçak ýokary galypdy.

Aklaryň häkimiýeti galla tapjak bolup, her tarapa urunýardy. Noýabrda Aşgabatda azyk gurultaýy çagyrylýar. Gurultaýda Zakaside diňe azyk krizisiniň däl, maliýe krizisiniňem dowam edýändigi bellenilýär. Gurultaýda ýekeje-de türkmen bolmandyr. Daýhanlar özleriniň ak gwardiýaçy hökümete we onuň syýasatyna bolan garaýyşlaryny şeýle beýan edipdirler. Funtikowyň hökümeti gazetler arkaly Zakaspiniň graždanlaryna 1917-nji hem 1918-nji ýyllaryň üzülmedik girdeji, ýer, şäher we beýleki salgytlary tölemek baradaky talap bilen telim gezek ýüz tutupdyr. Hiç bir zat – ýowuz buýruklaram, geçen ýyllaryň üzülmedik salgydyny zorluk astynda tölemekden boýun towlan daýhanlaryň tussag edilmegi hem hökümete öz maksadyna ýetmäge kömek etmändir. Bu daýhanlaryň şol wagtky ahwalyny hem olaryň ak gwardiýaçylar hökümetine bolan gatnaşygyny äşgär görkezýär.

Şeýdip eserleriň hem ak gwardiýaçylaryň hökümeti Sowet häkimiýetiniň gazananlaryny ädimme-ädim ýoga çykarypdyrlar, ýene hemme zat öňki-öňküligine dolanypdyr. Häkimiýetler galp demokratiýa bukulyp, özleriniň halka garşy syýasaty bilen adamlaryň gözleriniň açylmagyna ýardam edipdirler. Zakaspi frontunda ýeňlişe sezewar bolan ak gwardiýaçylar bir ýylyň dowamynda üç gezek «umumy», «gyssagly», «mejbury» mobilizasiýa yglan edipdirler. Ýöne her hili haýbat atmalaram netije bermändir. Goşun gullugyna çagyrylýan ruslaram, türkmenlerem ýygnanyş punktlaryna barmandyrlar. Şeýdip, yglan edilen mobilizasiýalaryň üçüsi hem başa barmandyr. Ägirt uly jeza beriji apparatyň – milisiýanyň, kontrrazwedkanyň yhlas bilen jan çekmegine garamazdan başa barmandyr. Ýogsa diňe Aşgabadyň territoriýasynda on bir dürli kontrrazwedka hereket edýär eken.

Şeýle çylşyrymly şertlerde Eziz han ak gwardiýaçy goşunla-


enedilim.com

ryň komanduýuşisi Oraz serdar bilen arany gutarnykly üzüp, Tejen oazisinde öz häkimiýetini berkarar edýär. Iki serdaryň arasyndaky ilki jetligiň, soňra bolsa duşmançylygyň gözbaşyny men tebigatyň özünde – häkimiýet ugrundaky göreşde gorýärin. Tejen oazisinde öz hanlygyny döretmek ugrunda jan edýän Eziz hanyň tutuş türkmen topragyna häkim bolmaga dalaş edýän Oraz serdaryň golastynda gulluk edesi gelmändir.

Barrikadanyň beýleki tarapynda galandygyna garamazdan, Eziz han henizem öňküsi ýaly Sowet häkimiýetiniň duşmanlary bilen dil düwüşige gitmändir, onuň garşysyna nähilidir bir çynlakaý duşmançylykly hereketler etmändir. «Tejen etrapynda Hywa tarapda Eziz hanyň eýelik edýän ýerleri ýerleşýär. Ol öz ilatynyň arasynda uly abraýa eýe, özem daşkent sowet hökümetine hoşniýetli garaýar. Han iňlislere hem aklara (aşgabat hökümetine) ynamsyzlyk bilen garaýar[1]» diýlip, biziň razwedkamyzyň sowet komandowaniýesine iberen habarynda aýdylýar.

Ak gwardiýaçylaryň kontrrazwedkasy bolsa ynjalyksyzlanmak bilen Denikine şeýle habar beripdir: «Eziz hanyň özbaşdak hereketleri, onuň öz bölümlerini frontdan yzyna çagyrmagy hem ýewropalylara (ruslara, ak gwardiýaçylara – R. E.) garşy ýerli ilatyň arasynda propaganda alyp barmagy…oňa gözegçilik etmegi güýçlendirmäge mejbur etdi. Eziz han dowam edýän häkimiýeti düýbünden ykrar edenok we ruhanylara hem Jüneýit hana daýanmak bilen özbaşdak hanlyk döretmek planyny çekýär[2]».

Özüniň pikirdeşleri Ulugbaý Gyzylyň, Alty sopynyň işeňňirlik bilen hemaýat etmeginde Eziz han öz otrýadyna nöker toplamagyny dowam etdiripdir. «Ministrler sowetini» döredipdir, ýerli baýlardan bolan duşmanlarynyň köpüsini tussag edipdir. Olaryň birnäçesini öldüripdir, birnäçesiniň hununy talap edipdir. Hunuň möçberi satyn alynýanyň maddy hem jemgyýetçilik ýagdaýyna bagly bolupdyr. Ak gwardiýaçylaryň komandowaniýesi hökümet bilen bilelikde «täsirli» adamlara garşy eden-etdiligi bes etmegi hem öz otrýady bilen bilelikde haýal etmän fronta

[1]SGMDA, f. 110, op. 23, d. 609, l. 262.
[2]TSSR MDA, GÝ. 43, l. 225.

gaýdyp gelmegi Eziz handan birnäçe gezek talap edipdir. Emma Çapykow häkimiýetleriň erkini berjaý etmekden çürt-kesik ýüz dönderipdir[1].

Eziz hanyň Zakaspi ülkesini çörek bilen üpjün edýän Tejen oazisinden bugdaý çykarmagy gadagan etmegi ak gwardiýaçylar hökümetini gozgalaňa salypdyr. Tejen häkiminiň bu «eden-etdiligi» Zakaspi oblastyny dolandyryjylaryň Soweti diýilýäniň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Mejlis, näme üçindir, Çapykowyň buýrugyny ýatyrmagy frontuň komanduýuşisine teklip edipdir[2]. Şeýle karara gelinmegi hökümetiň iliň arasynda abraýynyň ýokdugyny görkezýär. Öz abraýyna ynamy bolmany üçinem ol harby komandowaniýäni çäre görmäge borçly edýär. Harby komandowaniýe bolsa Eziz hana öz nökerlerini frontdaky söweş pozisiýalaryna getirdip bilmän ýör.

Elbetde, Çapykow Tejenden galla çykarmazlyk baradaky buýrugyny ýatyrmandyr. «Golos Sredneý Aziýi» gazetiniň (1918-nji ýylyň 30-njy noýabry, 1919-njy ýylyň 30-njy ýanwary) nägile äheňi muňa şaýatlyk edýär. Kontrrewolýusion hökümetiň pikirini beýan edýän bu ýarym resmi gazet Aşgabadyň pikirini hem bähbitlerini düýbünden hasaba almaýan Tejen «häkiminiň» özbaşdak hereketlerinden hökümetiň aç-açan nägiledigini bildirýär. «Öz ýerinde gallany pula satmagy gadagan edip, diňe gallaçylara zerur bolan azyk önümlerine satmaga rugsat berýän «tejenli jenabyň görkezmesi» oblastda otrisatel prosesleri döredýär, syýasy ýagdaýa täsir edýär» diýip, gazet ýazýar.. «Bu barada aç-açan aýtmaga çekinselerem, umuman, çapykowçylyk türkmenleriň özüni hem ynjalykdan gaçyryp başlaýar» diýip, «Golos» pikirini jemleýär.

Eziz hanyň hereketleri häkimiýetleri mazaly ynjalykdan gaçyrypdyr, ýöne şol hereketleriň ýerli ilatda nägilelik döredendigini tassyklaýan dokumentleri welin men hiç ýerde gabat gelmedim. Gaýta käbir arhiw materiallary Eziz hanyň tejenliler hakda alada edendigine we özüçe olaryň ynsanlyk hukuklaryny gorandygy-

[1] TSSR MDA, GÝ. 43, l. 224.
[2] TSSR MDA, f. 205, op. 1, d. 1, l. 49.

 enedilim.com

na şaýatlyk edýär.

Bir gezek, 1918-nji ýylyň noýabrynyň ikinji ýarymynda, tejenli daýhanlar satmak üçin Kakadaky bazara 18 düýe ojar getiripdirler. Raýonyň komandanty Krasowskiý oduny olaryň elinden alypdyr, eýelerine bolsa her düýe ojar üçin elli manat hödürläpdir. Puluň hümmetiniň ýokdugyna belet odunçylar puly almakdan ýüz dönderipdirler. Tejene gelip, öz häkimleri Eziz hana arz edipdirler. Şol ýylyň 22-nji noýabrynda Eziz han Kaka raýon komissarynyň kömekçisi Gara işan Ysmaýylowyň adyna şeýle telegramma iberipdir: «Siziň ygtyýar etmegiňiz bilen, tejenlileriň närazylygyna garamazdan, olaryň elinden on sekiz düýe odun alypsyňyz. Şonuň üçinem odun eýeleriniň diýen bahasyny berip, olary kanagatlandyrmagyňyzy teklip edýärin. Ýogsa-da siziňkilerem men tarapdan rehimsiz zorluga sezewar ediler»[1].

Hawa, Tejen otrýadynyň naçalnigi Eziz han adalaty dikeltjek bolup, resmi adama haýbat atyp telegramma iberýär...Bu Eziz hanyň edäýjek zady. Ol köplenç soňuna seredip durmandyr.

1919-njy ýylyň 29-njy ýanwarynda sülçi Skoroskiý şol wagtlar Aşgabat hökümetiniň funksiýasyny ýerine ýetiriji Jemgyýetçilik halas ediş komitetiniň buýrugyna salgylanmak bilen, Wagtlaýyn halk-meýdan sudunyň başlygynyň adyna «Eziz Çapykowy günälemek boýunça deslapky derňewi geçirmek üçin»[2] özüniň Tejen şäherinde we Saragt berkitmesine gidýändigi hakda raport beripdir. Sülçiniň şeýle gyssagly gitmeginiň sebäbini name bilen düşündirmek bolar? Bu barada oblastyň gazetleri hem gürrüň edýärler. Olaryň berýän habarlaryny ak gwardiýaçy komandowaniýäniň we onuň hökümetiniň dokumentleri hem tassyklaýar. Ol habarlardan Eziz hanyň Tejende, Saragtda hem Mary oazisinde alyp barýan syýasaty babatda uly howsala düşülýändigi bildirýär.

Saragt poçta-telegraf kontorasynyň uprawlýaýuşisi Mizgirow diýen biri Aşgabada şeýle habar beripdir: «Şu gün Eziz hanyň dikmesi, ýerli türkmen Baýram han Saragt gümrükhanasyndan

[1]TSSR MDA, f. 38, op. 1, d. 26, l. 271.
[2]TSSR MDA, f. 486, op. 1, d. 211, l 1.


enedilim.com

gümrükhanany, pullary hem döwlet emlegini özüne tabşyrmagyny talap etdi. Ol tokaý garawulyndanam şeýle talap etdi. Şonda ol Saragtda Eziz hanyň häkimiýetiniň berkarar edilýändigini, rus döwlet edaralarynyň ýapylýandygyny, olaryň gullukçylarynyň bolsa işden boşadylýandygyny mälim etdi. Maňa ynanylan edara barada entek beýle talap edilenok, ýöne ýakyn wagtda şeýle ediljekmiş diýen gürrüň bar. Baýram hanyň elinde Eziz han tarapyndan berlen ygtyýarnama we ýaragly güýç bar, onsoň ýatladan talabym goýulsa, oňa garşylyk görkezmäge ýagdaý ýok. Ştabyň (ak gwardiýaçylar goşunynyň harby komandowaniýesi nazarda tutulýan borly – R. E.) maslahaty bilen pars Saragtynda ýerleşýän iňlis polkownigi Batine ýardam etmegini sorap ýüz tutdum…»[1].

Eziz han ýaz ekişine taýýarlanmak bilen, hojalyk meselelerine uly üns beripdir. Garrybendi hem Wekiliň sakasyny remont etmek baradaky tehniki işlere gatnaşypdyr. Geljekki hasylyň ykbaly şu işleriň göwnejaý berjaý edilmegine bagly bolupdyr. Ak gwardiýaçylaryň metbugat organy Tejen häkiminiň alyp barýan işleriniň bu tarapyna matlaplaýyn baha berip, şeýle ýazýar: «Gör, nämelere baryp ýetdi!» Soňra rus dilinde gepleýän ilaty Eziz hana garşy öjükdirmek bilen, aýdylyşy ýaly, oduň üstüne nebit guýýar: «Eziz Çapykowyň şol görkezmeleri netijesinde ekerançylaryň ekiş geçirmäge ýagdaýlary ýok, sebäbi rus hem ermeni milletinden bolap adamlara bu häkimdar tarapyndan Tejen derýasynyň üstünden geçýän demir ýol köprüsinden bir werst aşakda görünmek gadagan edilipdir, şonuň üçinem işçileriň erkin hereket etmegine ýol berilmeýär. Hojalyga zyýan berýän bu görkezmeler uzaga gitmez diýip umyt etmek gerek, häzirlikçe bolsa olar gamgyn pikirler oýarýar»[2].

Şondan birneme öňräk, 1919-njy ýylyň 22-nji ýanwarynda şol «Golos» gazeti matlap bilen şeýle ýazýar: «Tejen türkmen komitetiniň başlygy Eziz Çapykow golaýda häkimiýetleriň ýerli administrasiýasynyň üsti bilen Tejenden aşak gidýän ruslaryň,

[1]ORMDA, f. 449, d. 10, l. 362-364. TSSR MDA, GÝ 46, l. 178.
[2]«Golos Sredneý Aziýi» gazeti, 1919-njy ýylyň fewraly.


enedilim.com

ermenileriň hem parslaryň uýezd komissary tarapyndan berlen şahsy şahadatnamasynyň bolmalydygyny mälim etdi, eger şeýle şahadatnamasy bolmadyk adamlar demir ýoldan aşakda gabat gelse, olar tussag ediljekdir. Şeýle görkezme berilmeginiň sebäbi golaýda bir türkmeniň öldürilendigi bilen düşündirilýär, ony öldüren ýany rewolwerli ermenileriň biridir diýlip çak edilýär. Olara Tejenden aşakda köp gabat gelinýärmiş.»

Özünden ýokarda duran häkimiýetleriň hereketleriniň ähli formalaryna garşy göreşýän Eziz hanyň bolşunyň «sebäbini» düşündirmek kyn däl. Häkimiýetleriň hiç birini ykrar etmezlik bilen, ol Tejeniň, Marynyň hem beýleki goňşy oazisleriň üstünden öz häkimligini berkarar etmäge ymtylypdyr. Ýöne Garaşhan ogly Ýomutskiý iňlisleriňem, aşgabatly ak gwardiýaçy hökümetiňem, Denikiniň komandowaniýesiniňem Eziz hana garşy aç-açan ýa-da gizlin göreş alyp barandygyny tassyklaýar. Bu häkimiýetler ýerli ilaty Eziz hanyň «azdyryjy» täsirinden goramaga çalyşmak bilen bir wagtda, onuň otrýadyny Sowet häkimiýetiniň garşysyna gönükdireris diýen umyt bilen ony ýarag, ok bilen üpjün edipdirler. Eziz iňňän aýgytlylyk bilen hereket edipdir, öz duşmanlaryny jezalandyrmak üçin iňňän ýowuz çäreleri görüpdir, alasarmyk çärelere ýol bermändir. Onuň otrýadynda berk düzgün-tertip ýola goýlupdyr, her hili boýun synmajak bolmaklyk, aýratynam ýarag satmaklyk atuw jezasyna höküm edilipdir[1].

Eziz han öz nökerlerine, pikirdeşlerine şeýle gazaply daran bolsa, ol «kesekiler» bilen-ä has-da zabun daraşandyr diýen netije gelip çykýar. Eziz han birini öldürtmek islese, «myhmany itden çykaryň» diýäýýär eken diýen gürrüň il arasynda şu günlere çenli galman gelýär. Onuň itden çykardan adamsy gaty köp bolupdyr diýýärler.

– Şu diýilýän zatlar dogrumy? – diýip men Gyzyl handan soradym. Baryp ýatan çypdyrma – diýip, Gyzyl han çürt-kesik jogap berdi. – Bu sözleri halk Eziz handan öňem bilýär. Hemme zamanda bar sözler. Ol sözleri Eziz handan öň bolup geçen

[1] «Türkmenowedeniýe» žurnaly, 1927, No. 2-3, 19 s.

hökümdarlara-da diýdiripdirler. Garawsyz adamlary, onda-da myhmanyny öldürder ýaly, Serdar beýle namart hem bet ýurek adam däldi. Türkmenlerde myhman Allanyň wekili hasaplanýar. Bäş wagtyny yrman okan Eziz han diňe hakyky musulman bolmak bilen çäklenmän, tüýs türkmenemdi.

Men şol soragy Hommat Ezizowa-da berdim.

– Adamlaryň ol Eziz hanyň ogly ahyry, onuň öz atasy barada erbet zat aýtjak gumany barmy diýmegi mümkin – diýip, Hommat aýtdy. – Dogrudanam şeýle. Özüňiz pikir edip görüň, men ýetmişden geçen adam. Özümiňem, çagalarymyňam Türkmenistanda bolmadyk ýerimiz ýok. Ýöne henize çenli bir ýerde-de: «Seniň kakaň ýa-da siziň ataňyz meniň atamy, doganymy ýa-da garyndaşymy öldüripdir» diýen adama gabat gelmedik...Özüňiz bilýäňiz, türkmenler gan algysyny ýedi arkalabam ýatdan çykaranoklar ahyry. Eger, aýdylyşy ýaly, meniň kakam nähak ýere adam öldürip ýören bolsa, myhmanlaryny «itden çykardyp» ýören bolsa, gan algyly bir adam dagy bir tapylardy ahyry.

Ýene şol uzak ýyllaryň gürrüňine dolanalyň. Ak gwardiýaçylaryň ýarym resmi gazeti özüniň Eziz hana duşmançylykly garaýşyny gizläp durmazdan, ýa-ha bilgeşleýin, ýa-da tötänden, Saragta jeza beriji otrýadyň ugradylandygyny agzyndan sypdyrýar, özem bu herekete «Çapykowçy häkimlere garşy göreşiň başlangyjy» hökmünde baha berýär. Bu operasiýa näme bilen tamamlanypdyr? Bu barada gazet juda gümürtik habar berýär: «Il arasyndaky gürrüňe görä Saragtda düzgün-tertip ýola goýlupdyr, häkimiýeti basyp alyjylar wejera bolupdyr, ilat ýagdaýdan razy».

Tejen «häkiminiň» «anarhizmi» aklaryň goşunynyň komandowaniýesini sözüň göni manysynda guduz açara getiripdir. Aýratynam kimdir biri Agalaňdaky bugdaý zapaslaryna göz gyzdyraýsa, Eziz hanyň ýanyna-da barar ýaly bolmandyr, ol bu-barada gürleşmegem islemändir. Galla krizisi bolsa ak gwardiýaçylary hemme zatdan beter ynjalykdan gaçyrypdyr. Işi şow almadyk Oraz serdaryň ýerine (demokratiýa bilen oýunbazlyk tamamlanýar, Denikiniň komandowaniýesi diňe türkmenlere

däl, özüniň ruslardan düzülen hökümetine hem ynanmagyny bes edýär, dolandyryşyň jylawyny öz eline alýar) täze bellenen front komanduýuşisi general-maýor Lazarew Duşak garnizonynyň naçalnigi polkownik Bondarewe telegraf bilen şeýle görkezme beripdir: «Üpjünçiligi ýola goýan badyňyza tertibe getirilen bölümleri eşelon bilen Tejene sürüň. Esasan atly goşun bilen Agalaňy eýeläň. Agalaňdan azyk getirmegi guraň»[1].

Bu harby aksiýanyň näme bilen gutarandygyny bilemok, ýöne bir zat aýdyň: durmuşyň, hemme zadyň esasy bolan çörek ýene öň hatara çykýar. Özem, görnüşi ýaly, Eziz han gallany öz halky üçin saklamakdan el çeker ýaly däl. Haýbatly buýruklaram, ýaragly güýç ulanmak haýbaty hem ony gorkuzyp bilmändir.

[1]SGMDA, f. 125, op. 1, d. 157, l. 80.


enedilim.com

# GIZLIN MISSIÝA

Şol wagtlar dünýä ýüzi nähili aladalar bilen ýaşaýardy? 1918--nji ýylyň ahyry birinji jahan urşunda soýuzdaşy Germaniýanyň tarapynda urşan Osman imperiýasynyň ahyrky sagadynyň golaýlandygyny alamatlandyrdy. Şol ýylyň 20-nji sentýabrynda Sowet hökümeti Brest şertnamasynyň Türkiýä degişli bölegini ýatyrdy. Ondan sähel öňräk bolsa türk goşunlary iňlisler hem fransuzlar tarapyndan derbi-dagyn edilipdi. 30-njy oktýabrda Mudrosda Türküýäniň boýun egýändigi baradaky akta gol çekilýär. Bu hakykat ýüzünde Osman imperiýasynyň çagşandygyny aňladýardy, Anlantanyň harby floty Dardanelle hem Bosfora girdi, Gara deňze aralaşdy. Iňlis, fransuz, grek, italýan goşunlary Türküýäniň köp möhüm raýonlaryny eýelediler, onuň koloniýalaryny basyp aldylar. Keseki basybalyjylara garşy daýhanlar hereketiniň tolkuny güýçlendi, partizançylyk göreşi ýaýbaňlapdy. Türküýäniň milli garaşsyzlygy ugrundaky watançylyk hereketine antiimperialistik rewolýusion pozisiýalarda durýan anatoli milli buržuaziýasy ýolbaşçylyk edipdir.

Daşary ýurt interwensiýasyna garşy göreşiň şu etabynda Sowet Rossiýasy bilen Türküýaniň bähbitleri ýakynlaşypdyr. Zakaspiniň milli «kethudalary» hem bimaksat däldiler, türkmen halkynyň öňdebaryjy, progressiw bölegi milli bähbitlere biperwaý garamaýardy. Munuň üstesine-de Sowet häkimiýeti antiimperialistik hereketiň tarapynda çykyş edýän proletar däl gatlaklarda we toparlarda ýeňiş gazanmaga kömek berip biljek soýuzdaşyny görýärdi.

Ine onsoň 1919-njy ýylyň başynda Germaniýanyň wekili professor Möwlana Muhammet Bereketyllanyň we Türküýäniň wekili kapitan Muhammet Kazym beýiň baştutanlygynda «german--türk missiýasy» Türküstana geldi. Delegasiýanyň çlenleri Hywa, Buhara, Daşkende baryp görüpdiler, Bereketylla bilen Kazym

beý bolsa öňinçä Owganystanda-da bolupdy[1].

Bu missiýanyň işi hakda gürruň bermäge geçmezden ozal, birneme öňe gidip, 1972-nji ýylda Hindistana eden syýahatym hakda azajyk aýdyp geçesim gelýär. Bir bada göraýmäge, bu biziň tamamyzdan juda daş ýalydyr. Şol gezekki syýahatymda «Prawda» gazetiniň Delidäki habarçy punktunda maňa gazetiň öz habarçysy Iwan Mihaýlowiç Şedrowyň ýardam etmeginde Raje Mahendra Pratap bilen duşuşmak miýesser etdi. Ol uzyn boýly, hortaň, çokga ak sakgally, togsanyň onundan giren goja eken. Ýaşynyň köplügine garamazdan, ol giň jemgyýetçilik işini taşlamandyr. Özüniň çaklanja hususy gazetini neşir edýär eken. Ol gazetiň sahypalarynda bütindünýä internasional söýgi hem dostluk hökümetini we döwletini döretmek ideýasyny ündeýär eken. Meniň gürrüňdeşimiň paýhasy durudy, ýatkeşligi gaty berkdi. Ol 1919-njy ýylyň 7-nji maýynda W. I. Lenin bilen bolan duşuşygyny owunjak jikme-jiklikleri bilen ýatlap otyrdy. Ol şol duşuşyga professor Möwlana Muhammet Bereketylla bilen bile gatnaşan eken.

Garyp hindi rajasynyň ogly bolan Pratap öz ömrüni Hindistany iňlis kolonizatorlarynyň eýeçiliginden azat etmek ugrundaky göreşe bagyşlamak üçin, 1914-nji ýylda öz watanyny taşlapdyr we Owganystanda mekan tutupdyr. Eýýäm şondan soňky ýyl ol pikirdeşi Bereketylla bilen bilelikde Kabul şäherinde Hindistanyň emigrasiýadaky Wagtlaýyn hökümetiniň döredilendigini yglan eden antibritan guramasyny döredipdir.

Hindi watançylary öz ýurtlarynda ählumumy gozgalaň geçirmäge taýýarlanypdyrlar, hindi rewolýusionerleriniň beýleki guramalary bilen aragatnaşygy ýola goýupdyrlar, garaşsyz döwletlerden goldaw agtarypdyrlar. 1918-nji ýylda Pratap hindi rewolýusionerleriniň bir topary, şol sanda Bereketylla bilen antikolonial guramanyň liderleri hökmünde Sowet Rossiýasyna gelipdir. Ol delegasiýanyň sostawyna Türküýäniň wekili kapitan Muhammet Kazym beý hem giripdir. Delegasiýa iňlisler bilen göreşiň giň programmasyny belläpdir. Hindistanda we Owga-

[1]TSSR MDA, GÝ 50, l. 150.


enedilim.com

nystanda Kolonizatorlara garşy gozgalaň turuzmak, ilki bilenem olary Zakaspiden, Türkiýeden, Eýrandan kowup çykarmak, ýerli ilatdan ýigrimi bäş müňli goşun döretmek nazarda tutulypdyr. Kapitan Kazym beý «gozgalaň hereketiniň ýolbaşçylary Jüneýit han bilen Eziz hanyň öz pozisiýalaryny üýtgetjekdiklerine we iňlisleri Zakaspi oblastyndan gysyp çykarmaga işeňňir gatnaşjakdyklaryna» Sowet komandowaniýesini ynandyrypdyr. Delegasiýa özüniň iňlis kolonizatorlary bilen barlyşyksyz göreşjekdigini Welikobritaniýanyň Hindistany hem Türküýäni garaşsyzlykdan mahrum edendigi bilen, musulmanlaryň mukaddes ýerlerini Gyzyl ymamyň mazarynyň ýatan ýeri Maşat bilen bilelikde eýeländigi bilen, onuň agressiw syýasatynyň tutuş Gündogara howp bolup durýandygy bilen düşündiripdir.

Kazym beý Türküstanyň Sowet hökümeti, Hywa hem aýry-aýry türkmen taýpalarynyň serdarlary arasynda töwellaçy bolmagy öz üstüne alypdyr. Şeýle hem ol Zakaspi frontundaky harby operasiýalara işeňňirlik bilen gatnaşmaga, Hywa goşunlaryna we türkmenlerden täze düzülen bölümlere ýolbaşçylyk etmäge taýýardygyny bildiripdir. Türk kapitany şeýle bölümleri diňe sowet komandowaniýesiniň kömegi hem goldawy bilen däl, eýsem iki türkmen serdarynyňam kömegi hem goldawy bilen döretmekçi eken[1].

Geň galmaly ýeri, Türküstanyň harby komissary Domogatskiý delegasiýa ynamsyzlyk bilen garapdyr we Zakaspi frontunyň komandowaniýesine iberen şifrowkasynda muny gizläp durmandyr. «Hökumet çleni bolamsoň, men bu zatlaryň hemmesine juda ynamsyz garaýaryn – diýip ol ýazýar. – Buharanyň olara (delegasiýanyň çlenlerine – R. E.) bolan gatnaşygy hoşniýetli däl. Owganystanyň hökümet sferalarynda hem şeýle... Eger olar siz belläniňizden soň işe başlasalar, juda hüşgärlik bilen olaryň yzyndan gizlin gözegçilik etmek gerek diýip hasap edýärin...»[2]

Şunuň ýaly ynamsyzlyk Sowet häkimligine dostlukly garaýan, tüýs ýürek bilen oňa kömek bermäge jan edýän admlary

[1]TSSR MDA, GÝ 51, l. 200-201
[2]SGMDA, f. 125, op. 1, d. 130, l. 125. TSSR MDA, GÝ 51, l. 198-199.

hem Sowet häkimiýetinden daşlaşdyrypdyr, käte oňa gapma--garşy reaksiýa döredipdir.

Moskwada bolup gören M. Bereketylla Sowet Russiýasynyň hökümetine ýazyp beren hatynda delegasiýanyň 1919-njy ýylyň ýanwarynda Buharadan Juneýit hana, onuň üsti bilen bolsa Eziz hana hat iberendigi hakda aýdypdyr. Şol hatda olara «bolşewiklere dost hökmünde, iňlislere bolsa duşman hökmünde garamak» maslahat berlipdir. «Iki serdaram (Jüneýit han bilen Eziz han – R. E.) biziň maslahatymyzy şatlyk bilen kabul etdiler we has anyk praktiki görkezmeler almak üçin öz kurýerlerini iberdiler – diýip, Bereketylla ýazýar. – Biz kurýeriň Kagana gelendigi hakdaky habary Daşkentdekäk eşitdik. Onsoň Daşkent hökümeti serdar Jüneýide, şeýle hem serdar Ezize özüniň üç sany wekili arkaly resmi hat hem gymmat baha sowgat ibermegi ýerlikli diýip tapdy. Şol wekillere eger Hywanyň goşunlary bolşewikler bilen bilelikde Aşgabatdaky britan goşunynyň üstüne çozsa Hywanyň awtonomiýa bolmagyna razylyk berilýändigini aýtmak we pul goldawyny teklip etmek tabşyryldy. Şeýle hem eger Eziz serdar öz türkmenleri bilen iňlisleri taşlap, bolşewikleriň tarapyna geçse, iňlislere goşulyp, bolşewiklere garşy göreşen türkmenleri giň möçberde amnistiýa teklip etmeklik tabşyryldy. . . »[1].

Sowet wekilleriniň Eziz hanyň kurýerleri bilen gizlin duşuşygynyň faktyny soňra Eziz hanyň nökerlerine baş bolup Gyzyl Goşunyň tarapyna geçen, Eziz hanyň ýakyn egindeşleriniň biri Gyzyl Saryýew hem tassyklaýar. Ondanam öň «Eziz han amaşaly Aky gul bilen syçmazlardan Berdi molladan ybarat öz delegatlaryny gyzyllaryň ýanyna gizlinlik bilen iberdi – diýip, Gyzyl han ýazýar. – Olara özüniň Oraz serdar bilen tersleşendigini hem gyzyllaryň tarapyna geçmek isleýändigini aýtmagy tabşyrdy. . . »[2].

I. W. Buharenkonyňam agzyndan men şol gürruňi eşitdim. Ol Gyzyl han Eziz hanyň otrýadyny alyp gyzyllaryň tarapyna geçmek bilen, aslynda «Eziz Çapykowyň başlan işini berjaý etdi»

---

[1]TSSR MDA, GÝ 51, l. 200-201.

[2]MLI TF-iniň partiýa arhiwi. f. 51, op. 7, d. 51, l. 92.

diýip hasaplaýar. Interwentler gelenden soň, Eziz han aklaryň frontuny taşlap, «eýýäm şol wagtlar sowet goşunlarynyň tarapyna geçmegi niýet edinip ýören eken…».

Bu wakalara gatnaşan adamlaryň ýatlamalaryny arhiw dokumentleri hem tassyklaýar. Sowet komandowaniýesine iberilen maglumatlaryň birinde şeýle diýilýär: «Olaryň (iňlis goşunlarynyň – R. E.) tyly 6 müňden 8 müňe çenli ýerli hem regulýar goşuny bolan Tejen hany tarapyndan goralýar. Ýöne bu han islendik pursatda iňlisleri taşlap gitmäge we bilelikde hereket etmek üçin hywalylar hem owganlar bilen birleşmäge taýýar. Jüneýit serdardan we tejenli Eziz serdardan…olaryň ikisiniňem owgan delegasiýasynyň maslahatyny almaga ne respublikan Russiýa hökümetiniň tarapyna geçmäge razydygyny, şeýle hem Aşgabat frontunda iňlisleriň garşysyna hüjüme geçmäge gatnaşjakdygyny bildim»[1].

Sowetleriň soýuzdaşlary bilen bilelikde hereket etmäge taýyn «owganlar» hem «owgan delegasiýasy» diýlip, bu ýerde Hindistanyň Owganystandaky emigrant hökümetiniň premýer-ministri M. Bereketyllanyň baştutanlygynda daşary ýurtdan gizlin gelen we perde üçin özüni «owgan delegasiýasy» atlandyran «german-türk missiýasynyň» nazarda tutulýan bolmagy hakykata has golaýdyr. Munuň üstesine-de Kazym beý Zakaspi frontunyň rewolýusion harby sowetiniň hemaýat etmegi bilen Türküstanda ýaşaýan owgan raýatlaryndan wolonter bölümleri, Owganystan bilen serhetdeş raýonlarda – Saragtda, Mänede, Çäçede bolsa buluçlardan meýletin otrýadlary döredipdir[2]. Şol bir wagtyň özünde-de serhediň aňyrsyndan ýaragly otrýadyň naçalnigi Hudaýberdiýew diýen biriniň özüniň ýüz sany nökeri bilen biziň tarapymyza geçmek isleýändigi barada habar düşüpdir[3].

Şol arada Eziz hanyň üstündäki bulutlar has garalyp başlaýar. Eziz hanyň kurýerleriniň Daşkende gideni pugta gizlinlikde saklansa-da, iňlis razwedkasy nähilidir bir ýol bilen Eziz hanyň

[1]TSSR MDA, GÝ 51, l. 151-153

[2]SGMDA, f. 125, op. 1, d. 22, l. 247. Şol ýerde, d. 9, l. 461.

[3]Şol ýerde, f. 25859, op. 2, d. 16, l. 379.


enedilim.com

gizlin mebillerini, onuň sowet komandowaniýesi bilen gatnaşyklaryny aňypdyr we bu barada Denikiniň oswagyna duýdurypdyr. Şundan soň Eziz hanyň «ygtybarsyzlygy» hakdaky arzalar ýagyp başlapdyr. Mysal üçin, Mary uýezdiniň komissary Eziz han özüniň pikirdeşleri bilen «oblastda özüniň dowam edýän häkimiýet bilen parallel hökümetini düzmäge» ymtylýar, «onuň planyna görä türkmenleriň üstünden ähli häkimiýet Eziz hanyň dikmeleriniň eline geçmeli…» diýip habar beripdir.

Görnüşine görä, Eziz hanyň ykbalyny öňde-soňda oswag çözen bolmaly. Oswag aklaryň komandowaniýesini Zakaspidäki ýagdaýlar bilen yzygiderli habardar edip durupdyr. 1919-njy ýylyň 29-njy marty diýlip sene goýlan we Ýekaterinodara, Günorta Russiýanyň ýaragly güýçleriniň baş komanduýuşisi general Denikiniň stawkasyna iberilen «maglumatda» ak gwardiýaçylaryň kontrrazwedkasy özüniň «türkmen meselesine» bolan garaýşyny beýan edipdir. «Türküýäniň ýykylmagy hem ýaraşyk baglaşylmagy bilen türkmenleriň ruslara bolan garaýşy gowulaşdy – diýlip, şol gizlin hatda aýdylýar. – Zakaspi hökümetiniň gowşaklygyndan we rus otrýadlarynyň ýaramaz guralanlygyndan peýdalanyp, türkmenler garaz özlerini garaşsyz ýagdaýda goýmaga ymtylýarlar (Diýmek, «ruslaryň» häkimiýeti diňe güýç bilen saklanypdyr-da, «türkmenlerem» «rus otrýadlaryndan» gorkýar ekenler-dä? – R. E). Bu ymtylyş dürli taýpalaryň baştutanlaryndan döreýär, olara bolsa rus häkimiýetleriniň garşy goýara zady ýok («Rus häkimiýetleri» nämäni garşy goýmalyka? Ýene-de şol guýçmükä?! – R. E.). Bu hereketiň ýolbaşçylarynyň üstünlik gazanan halatynda we türkmenleriň öz-özlerini edara etmäge taýýar däldigini ýagdaýynda (heý, türkmenlerem bir öz-özlerini edara edip bilerlermi? – R. E.) Türküstanda ruslary talamagyň (elbetde, türkmenler baş bermez wagşylar ahyry ýöne olar näme üçin talaýarlar? Kimi talaýarlar? – R. E.) we taýpalar arasyndaky duşmançylygyň möwjemegi mümkin…Türkmenleriň baştutanlary bäş adam bolup Ispolkoma girdiler (denikinçi jeňbazlar tarapyndan kowlan eserleriň-menşewikleriň hökümeti – R. E.) we olardan has howplulary Hajymyrat, rotmistr Öwezbaýew (rus oriýentasiýaly) we Magtymguly handyr. Soňky wagtlarda


enedilim.com

öz otrýady bolan Eziz han (galtaman) has-da saýlanýar…»[1]

Bu gizlin maglumatda näçe ikiýüzlülik hem galplyk bar! Ak gwardiýaçylaryň komandowaniýesi, ýagny hökümeti häkimiýeti milli buržuaziýanyň wekilleri bilen paýlaşýan wagtynda olara ynanmag-a beýlede dursun, özleri bilen hyzmatdaşlyk edýänleriň hemmesini gara çyny bilen ýigrenipdir, hatda «hereketiň baştutanlarynyňam» intellektual mümkinçiliklerine şübhelenipdir. Denikiniň häkimiýetleri hem edil ak patyşa döwründäki ýaly türkmenleri ikinji sortly adamlar hasaplapdyrlar, olaryň «öz-özlerini edara etmäge taýýardygyna» şübhelenipdirler. Ýöne monarhist jeňbazlary gozgalaňa salýan esasy zat ýerli ilatyň garaşsyzlyga, öz döwletini döretmäge bolan ymtylyşy bolupdyr.

Bilesigeliji hem synçy Eziz han ak gwardiýaçylar bilen bile hereket edýän iňlisleriň kolonizatorçylyk syýasatynyň düýp manysyna bir wagtlar göz ýetiripdi. Ol özbaşdaklyga ymtylýardy, häkimiýetlere boýun synmazlyk bilen, özüniň batyrgaý anarhistik hereketleri bilen jogap berýärdi. Arhiw dokumentleriniň birinde men şeýle setirleri okadym: «Eziz han özüni Zakaspiniň ak gwardiýaçylar hökümetine garaşsyz diýip yglan etdi. Türkmen hanynyň «özbaşdaklygy, iňlisleri çäre görmäge mejbur etdi»[2]. (Bellik meniňki – R. E.).

Eziz hanyň hereketlerini gözegçilik astyna alan iňlis kontrrazwedkasyna tejenli hanyň gyzyllaryň tarapyna geçmäge taýýarlyk görýändigi äşgär bolan badyna iňlisler haýal etmän «çäre görüpdirler», «galtaman» Eziz Çapykowy ýok etmeli edipdirler. Ýöne nädip ýok etmeli? Ony aňsat-aňsat gola salaýyp bilmersiň. Güýç bilenem bu aňsat başartmaz. Şonuň üçinem denikinçi oswag iňlis kontrrazwedkasynyň konsultantlarynyň kömegi bilen Eziz hany tussag etmegiň planyny işläp düzüpdir.

[1]ORMDA, f. 449, d. 18, l. 362. TSSR MDA, GÝ. 46, l. 178.
[2]TSSR MDA. GÝ 43, l. 224

# DUZAK

Atly ýüzlük ýoldan tozan turzup, Agalaň tarapdan gorgunyna sürüp barýardy. Demir ýol stansiýasyna ýetenlerinden soň atlylar parowozy bug sowrup duran kiçijik sostawyň daşyna halka boldular-da, eginlerinden bäşatarlaryny aldylar, ýüzbaşy Anna gowşakdan gözlerini aýyrman duruşlaryna buýruga garaşdylar. Ol çala baş atmak bilen Anna ganaryň ýolbaşçylygyndaky öňünden saýlanyp alnan on sany nökeri ýanyna çagyrdy, olar bilen demir ýol perronynyň golaýyna bardy.

Basym wokzalyň sarymtyl kerpiçden salnan beýik jaýynyň agzyna elli sany atlynyň ugratmagynda Eziz hanyň özi bardy. Ol wokzalyň jaýynyň açyk duran giň gapysyndan girmedi-de, onuň çep tarapyndan aýlanyp, daş düşelen basgançakdar bilen perrona çykdy. Ol ýerde keltejik sostawyň yzyna tirkelen iki sany ýokary klasly wagon durdy. Olaryň birinjisi kemsiz ýuwlup-arassalanan liter wagonydy, penjireleri akja tutulydy. Bu wagon hut Eziz hanyň özi hem ýakyn adamlary üçin bellenipdi. Ikinji wagon oňa görä sadarakdy. Ýöne onuňam tekjelerinde düşekçe, gaýnag suwly güp bardy. Bu wagon hanyň hususy garawullary üçin bellenipdi.

Anna gowşak nökerlerine perrona hiç kimi goýbermezligi tabşyranam bolsa, eýýäm niredendir bir ýerlerden peýda bolan çinownikler Eziz hanyň daşyna hümer bolup ýetişipdiler. Olaryň arasynda demir ýol naçalniklerem, şäher kethudalaram, söwdagärlerem, iki sany ştabs-kapitan bilen çypar murtluja bir poruçigem bardy. Olar hana front komanduýuşisiniň şahsy çakylygyny getirip beripdiler. Komanduýuşiniň stawkasy front liniýasynyň geçýän ýeri bolan Baýramalyda ýerleşýärdi.

Eziz han bir gapdalda duran Gyzyl hany öz ýanyna çagyrdy hem ýuwaşlyk bilen oňa bir zatlar aýdyşdyrdy. Gyzyl han düşnükli manyda kellesini ýaýkady we gamgyn nazary bilen

serdaryň ýüzüne seretdi. Eziz han ahmyrmy, howsala gatyşykly alasarmyk duýgy bilen dosty, indi bolsa hem kömekçisi, hem ähli işlerini ynanýan adamy Gyzyl han ikisiniň arasynda düýnki bolup geçen gürrüňi ýatlady.

– Onda gitjek-dä? – diýip, Gyzyl han ýuwaşja sorady. Şu häli-şindi çagyrýp durmalary maňa ýaranok…

– Menem olara ynanyp duramok – diýip, Eziz han pikirli görnüşde jogap berdi. – Hawa, generalyň çaparlary ýürege düşdi. Görýän welin, olar bir zadyň ysyny alýan ýalylar, olara biziň bugdaýymyz ynjalyk bermeýän borly…Gitmeseňem, Eziz han gorkdy diýjekler.

– Bu ýerde batyrlygyň geregi ýok. Käwagtlar gizlenäýmegem aýyp däldir. Gaçyşym bar kowuşyňa bermenem diýipdirler-ä.

Näme-de bolsa gideýin – diýip. Eziz han kesgin gürledi. Nämäniň nämedigini göreýin. Hemme zat mese-mälim bolsun. Bukuldym oýnap ýörmek erkek kişiniň işi däl-ä..

– Maňa bir zat bolaýsa, nähili hereket etmelidigini özüň bilýäň.

Eziz hanyň uçganaklap duran gara göreçlerinde aýgytlylyk alamaty doňup galdy. Gyzyl han bir zady ýüregine düwensoň, kellesini kesseňem sözünden dänmejegini bileni üçin dostuna töwella etjek bolubam durmady. Ana öz atasynyň, Çapyk serdar adyny alan hormatly Gurbanmämmet aganyňam diýenine gulak asmady ahyry. Ýogsa ol Eziz hana näçe özelenipler ýalbardy: «Gitme, oglum. Olaryň seni abatlyga çagyrmaýandygyny ýüregim syzyp dur». «Aklara iňlisler kömek berýän bolsalaram, olaryň indi öňküligi ýok…Olar biline urlan alahöwrene meňzeýärler.» «Şonda-da, oglum, olaryň arkasynda güýç bar. Men olara janymy ynanamok…» «Takdyra çäre ýokdur, kaka. Maňlaýdakyny görübermeli bolar…»

Belki, Eziz han mamladyr. Ol her gün ugruny müň gezek üýtgedip durar ýaly şemal däl ahyry. Ana hanyň dilmajy Hally dilmajam onuň gitmegini dogry bilýär. Ol sowatly, akylly-paýhasly adam, birnäçe dil bilýär. Aklaryň näme niýetiniň bardygyny ol bilmeli ahyry. Ol hakda bir wagtlar jandarmlar bilen äbe-jüýje bolupdyr diýibem gürrüň edýärler. Ýöne bu görip adamlaryň

tapyp ýören zadydyr-la. Rewolýusiýadan ozal patyşa gulluk etmegi her kimem uly hormat bilýärdi ahyry. Çagalygyndan rus, pars, puştu dillerini öwrenen Hally dilmaç hut Mary şäher häkiminiň öz elinde gulluk edipdi. Onuň Eziz hanyň ýanyna geleni bäri köp wagt geçmedigem bolsa, han oňa ynanýardy…

Gyzyl han serdar bilen hoşlaşanda kalbyny agyr duýgular gaplap aldy. Ol öz aýagy bilen betbagtlygyň üstünden barýan-a däldir-dä? Ýöne alla bardyr, hemme zat şonuň erkine baglydyr. Maňlaýa ýazylandan gaçyp sypjak gümanyň bolmaz. Bar umyt hanyň hususy garawullaryndady. Olar saýlama ýigitlerdi. Olar ölerler welin, serdaryny ele bermezler… ýöne garawulyň nämejik? Tutuş Tejen ilatyny garawul et-de goýaý, şonda-da ugruny taparlar. Şonuň üçinem Eziz han öz ýany bilen on-ýigrimi nökerden köp almazlygy ýüregine düwdi.

Agşam golaýlaýardy. Ýaşyp barýan günüň gytak şöhleleri bahar asmanyndaky topbajyk bulutlaryň içinden parran geçip, olara altyn öwüşgin çaýýardy.

Otly Tejen derýasynyň üstündäki demir ýol köprüsinden ala-şakyrdy bolup geçip gitdi. Tigirleriň birsydyrgyn tykyrdysy Eziz hanyň kalbynda nähilidir bir düşnüksiz tukat duýgular oýardy, onuň wagondan böküp düşägeden, giň sähranyň içi bilen ýüzi nirä bolsa, şo tarapa, gidiberesleri geldi. Ol goňşy wagondaky garawul nökerleriň ýanyna bardy, olaryň nähili ýerleşendigini gördi. Olar eýýäm çaý içişip, çörek iýip, degşip-gülşüşip otyrdylar. Gije serdary, ýoldaşlaryny goramak üçin nobatçylyk çekende ukusy tutmaz ýaly, gözüniň awusyny almak üçin ir gözinden gyşaranlaram bardy. Bu wagondaky aýratyn bir küpede hana komanduýuşiniň çakylygyny getirip beren çypar murtly poruçigem bardy.

Eziz han olaryň ýanynda uzak oturmady, basym gitdi. Daýaw, berdaşly ýüzbaşy Anna ganar garawullary ýerli-ýerinde goýuşdyryp, wagonlaryň ähli künçlerini ymykly barlaşdyryp çykdy. Hiç bir şübheli zat görmänsoň, serdaryň küpesine ugrady. Liter wagonynyň koridorynda Eziz han bilen Hally dilmajyň wagonyň prowodnigi gartaň rus adamy bilen gurleşip duranyny gördi. Olaryň ýanynda somalyp durmajak bolup, öz wagonyna


enedilim.com

tarap ýöneldi. Gidip barýarka batly ses bilen dilmaja bir zatlar gürrüň berýän prowodnigiň sesini eşidýärdi.

– Öňümizden otly çykyp, saklanmaly bolaýmasak, hudaý ýol berse, ertir irden Baýramala ýeteris – diýip, prowodnik posalak elleri bilen sakgalyny sypalaşdyrdy, – Häzir bolsa çaýjagaz demläýin…Serdar aga, siziň halaýan guşdyrnak hytaý çaýyňyz.

Eziz han prowodnigiň özüniň nähili çaýy halaýandygyny nireden bilip ýörendigine haýran galmaga-da ýetişmedi. Prowodnik goňşy küpäniň gapysynyň aňyrsyna duwlanan badyna diýen ýaly, ony ýene açdy-da, ol ýerden boýnuny uzadyp, mekirlik bilen gözüni gypyp goýberdi.

Bu liter wagony komanduýuşiniň hut öz wagony – diýip, goja buýsanç bilen sesini süýndürdi. – Nähili hormat! Daşy bronlanan. Aşhanasy bar. Tutuş bir hepdä ýeterlik azyk zapasy bar. Zapasyň, özüňiz bilýäňiz, artykmaçlyk etjek gümany ýok. Uruş…Ine şu bezegli küpelerde men hut general Mallesonyň özüne nahar äberdim. Kapitan Tig Jonsam bu ýerde çaý içipdi…

Prowodnigiň bigam sakyrdysy Eziz hanyň alasarmyk duýgularyny dargatdy, ol birneme ynjalan ýaly boldy hem ýatmagyň pikirini edip başlady. Ol ýörite diňe özi üçin taýýarlanan goňşy küpä gitmedi. Ol ýerde ýatmagy Hally dilmaja teklip etdi. Ýöne ol hem şo küpede ýatmak islemedi.

Ol umumy küpä girdi. Ol ýerde hususy janpenasy, düýnki demir ussasy hem awçy Baýmyrat uklaman otyrdy. Ýokarky tekjede bolsa onuň hususy kätibi hem maslahatçysy Berdi Kerbabaýew süýji ukuda ýatyrdy. Ol kätibine seretdi hem onuň bigam ýaşlygyna höwes etdi. Eziz han çaý içmekden ýüz dönderdi-de, ýalaňaç mauzerini ýassygynyň aşagynda goýup, aşaky orunda süýndi. Ol Hally dilmaja goňşy tekjäni görkezdi. Hally dilmaç hem ol ýere geçip ýatdy. Onuň aýak ujunda bolsa Baýmyrat ornaşdy.

Otly gijeki sähranyň içi bilen yzyndan çekilýän ýaly haýal süýrenip barýardy. Ukusyna sak Eziz han parowozyň gudogyny, relsleriň sepinden çykýan takyrdyny, wagonlaryň tormozlaryny barlaýjylaryň tykgyldysyny eşidip ýatyrdy. Haýsydyr bir duralga ýetenlerinde ol garşysynda uklaman oturan Baýmyrady gördi,

oňa ýatmagy buýurdy. Janpenasynyň ýokaryk çykyp ýatanyna göz ýetirensoň, ýene çalaja ymyzgandy. Ýöne uky arasynda her takyrdyny duýup ýatyrdy. Nämedir göze görünmez bir zady tutuş kalby bilen duýup duran ýalydy. Göwnüne bolmasa, küpä kimdir bir keseki adam girip, onuň her bir hereketini üns bilen synlap duran hem ony uklatmaýan ýalydy. Ol ahyry küpede kimdir biriniň uklamaýandygyna göz ýetirdi…Ol kimkä? Eziz han ýatanlaryň hemmesine göz aýlap çykdy, diňşirgendi. Dilmaç uklamandyr! Ol Eziz hanyňam ukuda däldigini bilse-de, süýji uku-da kişi bolup, ümsüm ýatyrdy.

Otly ýene gozgandy, ýene özüniň şol birsydyrgyn tykyrdysyna başlady. Eziz han çalaja ymyzgandy, bölek-büçek ýatda galmaýan ýakymsyz düýşler gördi…Ol ukudan açylyp ýene dilmajy gördi. Dilmaç henizem ukuda kişi bolup ýatyrdy. Eziz han elhenç syryň üstüni açan ýaly boldy: «Ol nämedir bir zada garaşýar? Ýa-da kimdir birinemikä?..» Ol hut şu minutyň özünde Hally dilmajyň nämäniň pikirini edýändigini bilip bilse, näme diýseler bererdi. Belki, Eziz han oňa artyk ynanç bildirendir…ýöne öz öýüňdäki ogrudan zadyňy nädip gizlejek?

Eziz han nähilidir bir ruhy sarsgyndan özüne gelen ýaly boldy. Eli ýassygynyň aşagyny sermedi. Ýaragyň sowuk demirine eli degende, ynjalan ýaly boldy. Ýap-ýaňy çölüň içindäki ýarym duralgada sähelçe aýak çeken otly bat alyp başlapdy. Tigirleriň takyrdysynyň, parowozyň howsalaly haşyldysynyň arasynda Eziz han koridordan gelýän aýak seslerini hem erkek adamynyň agras dem alşyny eşitdi…

Wagonyň gapysy birden açyldy. Eziz han bökup aýak üstüne galdy. Oňa rewolwerlerini gezeşip, gapynyň agzynda hümer bolup duran soldatlaryň kükreginden diräp atara pursat boldy. Ýöne olaryň birki sanysyny, bar, ondanam köprägini öldürdem-dä, heý, çykjak netije barmy? Olar juda köp, koridoryň ugry urlup dykylan ýaly. Diňe onuň özüni atyp oňsalaram owarram. Ýöne Berdi bilen Baýmyradam bar ahyry. Ol Hally dilmaç hakynda pikirlenmäge ýetişmedi…Serdaryň kükregine telim naýza birden direldi. Ol biz köýneginden geçen naýzalaryň sowuk neşderini duýdy. Elleri gulagy gaýtarylgy rewolwerli üç sany

ofiseri bolsa heniz ukudan açylmaga-da ýetişmedik Berdi bilen Baýmyrady nyşana aldy.

Şol pursatda hem Eziz han arkasyndan gelen Hally dilmajyň elleriniň öz göwresini atagzy ýaly gysanyny duýdy. Ol kakynlan ýaly gygyrýardy. Onuň demi Eziz hanyň boýnunyň ýüzüne urýardy.

– Haý, han aga, akylyňa aýlanaweri! Atmaweri!.. Bize-de, özüňe-de rehimiň insin... Olar biziň barymyzy okdan geçirerler!..

– Beset! Näme kakynly aýal ýaly gygyrýarsyň!..

Eziz han egnini silkişdirip, dilmajyň elinden sypdy. Ol öz ýanyndan dilmajyň sesiniňem ukuly adamyň sesi däldigi hakda, onuň sähelçejigem özüni ýitirmändigi hakda oýlandy. Ol bu zatlara taýýar bolup ýatan ýaly, derrew Eziz hanyň üstüne zyňypdy.

Indi Eziz hana diňe ýekeje pikir ynjalyk berenokdy. «Garawullar niredekä? Onuň nökerlerine näme bolduka? Olaryň barysyny pürreläýdilermikä? Özlerinem, serdarlarynam şeýle ap-aňsatja ele berip oturyberer ýaly, olar beýle nalajedeýin ýigitler däl ahyry...»

Eziz han diňe häzir ýaňsylaýjylyk bilen dişlerini syrtardyp duran çypar murtly poruçigi, özüniň Agalaňda duz-çörek bilen garşylan poruçigini gördi. Häzir ol duz-çörekli, myhmanparaz hojaýynyň eline nikelleri ýaldyrap duran gandal urup durdy. Ol ýaňsyly gülümsiräp Eziz handan sorady:

– Gandaly beýle bir sybyzgy geýdiren däldirin-dä hernä? – Onsoň gözlerini Eziz hanyň aladaly ýüzüne dikip dowam etdi. – Siziň alyjenabyňyz diýip ýüzlenmelimi ýa-da Siziň aly hezretleriňiz diýip? Siziň aly hezretleriňiz Tejeniň hem Marynyň hany, belki, siz nökerleriňizi görmeýäniňiz üçin ynjalyksyzlanýansyňyz? Tamaňyz tala daňlan ýaly bolaýsyn, indi size olaryň kömegi degmez...– Poruçik barmagyny ýokary çommaldyp, masgarabaz ýaly başyny ýaýkady. – Ýok, olar asmana gaýyp bolanoklar! – Poruçik ýa-ha ullakan bir awy gola salan awçy dek humar bolupdy, ýa-da batyrlyk üçin uran içgisiniň güýjüne humar bolupdy. Onuň doga-bitdi içipis adam bolmagam ahmaldy. – Aňňalak gapyp galdylar diýmeseň, olar diri. Olar şu ýerden on bäş çaky-

rymlykda. Goňşy duralgada. Häzir olar hezil edip düýş görüp ýatandyrlar. Bu ýerde serdarlarynyň tola düşeninden habarlary ýokdur. Biz olaryň wagonyny tirkegden aýyrdyk, sizi bolsa…

Ýarym duralga gelip saklanan ýalňyz wagona birnäçe ofiser bilen garawullar wzwody gelip girmedik bolsa, oswagaň poruçigi tussag edileniň üstünden enteklerem köp güljekdi.

Tussag edilenleri şol gijäniň özünde Aşgabada alyp gaýtdylar. Bu ýerde onuň ýanyndaky adamlaryny ýerli türmä dykdylar. Onuň özüni bolsa berk saklaw bilen Krasnowodske geçirdiler. Bu ýerde hem onuň bilen kapitan Tig Jonsuň baştutanlygynda denikinçi oswag bilen iňlis kontrrazwedkasy meşgullanyp başlady. Bu 26 Baku komissaryny gumuň içinde derňew geçirmezden, sud etmezden atdyryp goýberen Tig Jonsdy. Interwentler bilen ak gwardiýaçylar 9 Aşgabat komissaryndanam şeýdip dynypdylar.

Zakaspide, goňşy Azerbaýjanda, Aziýa hem Ýewropa ýurtlarynda harby okkupasion häkimiýetleriň eden-etdiligine garşy protest tolkuny göterildi. Welikobritaniýanyň zähmetkeşleri hem bigünä adamlaryň atylmagynyň sebäplerini düşündirmegi talap etdiler. Iňlis parlamentinde şeýle talaplar goýuldy: «Näme üçin komissarlar atyldy? Zakaspidäki ganly eden-etdilikler kimiň eliniň işi?»

Jemgyýetçilik pikirine gulak asmaga mejbur bolan, şeýle hem özleriniň paş edilmeginden we halkara goh turuzylmagyndan heder eden (interwentler, her niçikdir, özlerini siwilizasiýaly millet hasap edip ýörler-ä!) iňlis komandowaniýesi Eziz hany sud etmegi ýüregine düwdi. Bu sud diýilýäni guraýanlar Eziz hana ýöňkäp bilen günäsini ýöňkeýärdiler. Ony «galtaman», «talaňçy» atlandyrýardylar. Halky aldamaga, jemgyýetçiligiň gözüniň alnynda öz abraýlaryny artdyrmaga jan edýärdiler. Halk köpçüligini syýasy işgäri, garaşsyzlyk, döwlet özbaşdaklygy ugrunda göreşýän daýhanlar serdaryny däl-de, jenaýatçyny sud edýändiklerine ynandyrjak bolýardylar.

Zakaspide sanalgyja günleriniň galandygyna göz ýetiren ak gwardiýaçylar Eziz handan dynmaga howlugýardylar. 1919-njy ýylyň apreliniň başynda interwentleriň esasy guýçleri Zakaspini

taşlap gidipdiler. Diňe Krasnowodskde iňlis otrýady galypdy. Ol hem gitmäge taýýarlyk görüp ýördi.

General Lazarewiň buýrugy boýunça harby-meýdan suduny düzýän ofiserler Aşgabatdan Krasnowodskä geldiler. Suduň mejlisini şäheriň merkezinde, jemgyýetçilik ýygnagynyň zalynda geçirmeli etdiler. Eziz hana sud edilýändigini hemme ýere ýaýradyp çykdylar. Ýöne iňlisler şol gün şähere güýçlendirilen garawul narýadlaryny goýdular. Soldatlar geçip barýanlaryň ýanlaryny barlaýardylar. Ak gwardiýaçylar komandowaniýesi, görnüşine görä, özüniň köp sanly kontrrazwedkasyna bil baglap bilmän, soýuzdaşlaryndan kömek soran borly.

Gynansagam, maňa derňewiň hem denikinçileriň harby-meýdan sudunyň materiallaryny tapmak miýesser etmedi. Ýöne şol materiallaryň nirededir bir ýerde saklanýandygyny ýüregim syzyp dur. Ol materiallar gaty berk gizlendimikä diýýärin. Indi olary gözläp tapmagam aňsat duşer öýdemok. Men ol dokumentleri tapmaga köp gezek synanyşyk etdim. Arhiw dokumentleriniň howpsuz hem ygtybarly saklanýan ýerleri bilen gönüden-göni baglanyşygy bolan köp instansiýalara ýüz tutup çykdym. Bu ýerde ýa-ha biziň taryhymyza bolan biperwaýlyk bar, ýa-da käbir adamlar henizem gizlinlik henegi bilen meşgul bolup ýörler. Şonuň üçinem men esasan ýatlamalara daýanmaly boldum. Arhiw dokumentleri bilen tassyk bolmasa, ýatlamalaram bolup geçen wakalary hemişe takyk beýan edip duranok.

Sud prosesine gatnaşyp gören adamlardan maňa diňe K. W. Leýniň ýatlamalaryny tapmak miýesser etdi. Ol daşkentli mugallym eken-de, bir sebäp bilen uruş zerarly Daşkentden arasy üzülen Zakaspide galypdyr. Ýöne onuňam juda garypja ýazgylary subýektiw pikirlerden azat däl. Olardan ak gwardiýaçylaryň, hatda neobolşewikleriňem propagandasynyň ysy gelip dur.

«Eziz han Tejen şäherindäki rus ilatyň ep-esli bölegini gyrypdyr – diýip, K. Leýn ýazýar. – Ol baryp ýatan milletçi eken hem ruslardan dynmak isläpdir…Ol belli bir wagtlarda sowet goşunlaryna goşulypdyram diýýärler. Ýöne bu diýilýän dogry bolaýanlygynda-da, beýle «soýuzdaşlyk» uzaga gitmändir…Synpy göreş, synpy bähbitler oňa ýat bolupdyr, ýogsa ol Gyzyl Goşuna

goşulardy...Meniň hut özüm ýuridiki manyda ony galtaman hasap etmeýärin, fanatik-milletçi hasap edýärin».

K. Leýne igenmek niýetimiz ýok, ýöne ol öz ýatlamalarynda käte wakalary, seneleri bulaşdyrýar. Bu onuň bilkastlaýyn edýän zady dälmikä diýýärin, ýöne wagtyň geçmegi bilen hakydasy könelişdimikä diýýärin. Mysal üçin, ol Eziz hana 1918-nji ýylyň güýzüniň ahyrlarynda sud edildi diýip, ýalňyş ýazýar. Hakykatda Eziz han soň, 1919-njy ýylyň baharynda tussag edilipdi.

Leýniň ýatlamalarynda şol ýyllaryň atmosferasyny, Eziz hana sud edilişini täsirli beýan edýän gyzykly setirler bar. Beýle zatlary onuň ýazgylaryndan başga ýerde okajak gümanyň ýok.

«Krasnowodskä Eziz hany sud etjekmişler diýen gürrüň ýaýrady – diýip, K. Leýn ýatlaýar. – Bu gürrüň dogry bolup çykdy...Eziz han tussag edilipdir, onuň bandasy dargadylypdyr. Indem harby-meýdan sudunyň öňünde jogap bermeli. Ýerli notarius Ýakowlew Eziz hana aklawçy bellenipdir. Ýöne ol tanymal şahsyýet däldi. Onuň aýaly uzyn boýly, görmegeý aýaldy, biziň mekdebimizde mugallyma-öwütçi bolup işleýärdi...

Men sud prosesini başdan-aýak diňledim. Zal hyryn-dykyndy. Uzyn boýly, syrdam Eziz han mert durdy, onda tolgunmanyň ýekeje alamaty-da ýokdy. Sudda onuň köp bet etmişleriniň üsti açyldy...Ýakowlew Eziz hany «goramak» üçin diňe birnäçe bimany jümleler aýtmak bilen çäklendi. Eziz han ölüm jezasyna höküm edildi...

Men jemgyýetçilik ýygnagynyň öňündäki meýdança çykdym. Meýdança adamdan doludy. Güýçli konwoý bilen Eziz hany alyp çykdylar. Ol hamala hiç bir zat bolmadyk ýaly arkaýyn, ynamly ýöräp barýardy. Onuň özüne erk edip bilşine haýran galaýmalydy. Eziz han atylyp öldürildi...»[1]

Ýene bir gezek gaýtalaýaryn, gynansagam, maňa Eziz hanyň sud edilişi hem atylyp öldürilişi bilen baglanyşykly bolan arhiw dokumentlerini tapmak başartmady. Diňe ýekeje arhiw setiri «onuň (Eziz hanyň) ak gwardiýaçy kontrrazwedka tarapyndan

[1]MLI TF-niň golýazmalar fondy, d. 136, l. 86-88.

aldaw bilen otla mündirilendigini we atylyp öldürilendigini» tassyklaýar.[1]

[1]TSSR MDA, GÝ 43, l. 224.

## HAKYKAT NIREDE, TOSLAMA NIREDE?

Ýetip gelýän XX asyr bent tutdurmaz joşgunly sile meňzeşdi. Biziň gahrymanymyzam iňňän çylşyrymly, gopma-garşylyklardan doly zamanada dünýä inipdi we ýaşapdy. Eziz hanyň özüni alyp barşynyň köp babatlarda, ähtimal, zamana tarapyndan kesgitlenen bolmagyna garamazdan, onuň häsiýetini diňe özüni döreden zamana bilen düşündirmek örän aňsat ýol bolup durýar.

Biz Eziz han hakda nämeler bilýäris? Onuň daşyny gurşap alan ýakyn adamlary hakda nämeleri bilýäris?.. Daýhanlaryň serdary hökmünde halk şöhratyna mynasyp bolan bu özboluşly adamyň oý-pikirleri, öňünde goýan maksatlary barada biz nämeler bilýäris? Ol hakda tä şu günlere çenli bir taraplaýyn şahsyýet hökmünde ýazylyp, gürrüň edilip gelindi. Ol hakda hakykaty aýdaýmaga her kim het edibem bilmedi. Sebäbi beýle etseň, seni pantürkizmde, panyslamizmde, iň bärkisi, milletçilikde aýyplaýmaklary mümkindi.

Bu zatlaryň sebäbi nämede? Gynansagam, biz taryhy hemişe synpy teoriýanyň keramaty siňen, milliligi sosiallykdan bölüp aýyrýan asmandan inen ýeke-täk dogry, syýasat hökmünde özümize gerekli, özümize peýdaly manyda göz öňüne getirip geldik. Hemme zat – moralam, ahlagam, ykdysadyýetem ideallaşdyryldy, durmuşdan üzňe kanunlara, şygarlara laýyklaşdyryldy. Şol galypa sygmaýan, şol dogmatizme laýyk gelmeýän islendik pikir günä hasaplandy. Gepiň gysgasy, taryh kim köpräk tölese, şonuň hyjuwyny kanagatlandyryp ýören köçe jelebine öwrüldi.

Ýöne taryh ýüzüne näme isleseň çyrşaşdyryberer ýaly taýyn ak kagyz däl. Ol halkyň geçmişi. Ony sen her kim bolanyňda-da üýtgedip biljek gümanyň ýok. Taryh – durmuşyň özi. Ony näçe gizleseňem, iru-giç ähli zat aýan bolmaly. Taryh – hakykat, ol başga hili bolup bilenok.

Eziz hanyň hereketlerine dogry baha bermek, onuň ruhy dün-


enedilim.com

ýäsine çuňňur aralaşmak üçin şol ýyllarda, aýratynam rewolýusiýanyň çylşyrymly zamanynda ýaşan türkmen daýhanlarynyň durmuş obrazyna, psihologiýasyna dogry düşünmek gerek. Biziň taryhymyzy dörediji şol adamlary nähili güýjüň herekete getirenine düşünmek zerur. Ol adamlar diňe bir döwüm çöregiň aladasy bilen ýaşamandyrlar. Olar-da azatlyga, erkinlige bolan joşgunly ymtylyş bolupdyr. Olar garaşsyz ýaşamak, öz topragynyň, öz ykbalynyň hojaýyny bolmak isläpdirler. Olar diňe erkin, garaşsyz bolanlarynda öz bähbitlerini gorap biljekdiklerine akyl ýetiripdirler. Öňde bir şahyryň: «Kawkaz daglarynyň aňyrsynda, belki, men seniň paşalaryňdan, olaryň hemme zady görüp duran gözlerinden, hemme zady eşidip duran gulagyndan gizlenip bilerin?..» Diýen sözlerini ýadyňyza salyň. Halk hem hemme zamanda hökmürowanlaryň nazaryndan daşrakda bolanyny kem görmändir.

Erkinlik isläp, adamlaryň oturymly ýerlerini taşlap giden wagtlary bolupdyr. Baryp orta asyrlarda türkmen taýpalary ata-babalarynyň Mangyşlakdaky, Balkan eteklerindäki, ýerlerini taşlap, Türkmen sährasyna, Ahala, Etrege ýaýrapdyrlar. Bu ýerlerde olary diňe Garagum çöli däl, Köpegdagyň saýalary-da penalapdyr. Türkmenleri diňe gany ýakynlyk birleşdirmändir, olary topragyň, zähmetiň, ruhy garyndaşlygyň birleşdiren wagtlary hem seýrek bolmandyr.

Soň-soňlar şol erkinlik söýüji ahallylar, marylylar kerwen gurap Tejen jülgesine tarap süýşüpdirler, derýanyň boýundaky ýerleri özleşdirip, mekan tutupdyrlar.

Halkyň bu gözlegleri hanlardan, emirlerden, patyşalardan çykan zat däl. Halka erkinlik gerek bolupdyr. Adamlar hökmürowan şalaryň, emirleriň zulum-süteminden dynmaga çalşypdyrlar. Sütemden gaçypdyrlar.

Mysal üçin öz kiçijik halkymyzyň taryhyny alyp göräýeliň. Olaryň üstünden bir wagtda birnäçe hökümdar – eýran şalary, hywa hanlary, buhara emirleri agalyk edipdirler. Olaryň sansyz dikmeler-ä hasabam däl. Taryhy şertlere görä, türkmenleriň iki--üç, käte dört döwletiň raýatynda oturan wagtlary hem bolupdyr. Şonuň üçinem olar halkyň ganyny soryan hökümdarlary ýürek-

den ýigrenipdirler. Şonuň üçinem her bir adam azat, erkin ýaşap biler ýaly öz patyşalygyny döretmäge ymtylypdyrlar. Biziň halkymyzyň kalbyndaky bu erkinlik söýüjilik ruhuny hiç wagt, hiç kim syndyryp bilmändir.

Erkinlige bolan ýanbermez ymtylyş biziň halkymyzyň özboluşly milli häsiýetleriniň – päkligiň, dogruçyllygyň, buýsançlylygyň, ýanbermezligiň döremegine sebäp bolupdyr.

Tä şu günlere çenli diýen ýaly, Eziz hany barly gatlaklaryňam goldandygyny nähilidir bir gabahat zat edip görkezjek bolup geldiler. Bu ýerde näme erbetlik bar? Sarizme diňe daýhanlaryň däl, hanlaryňam, baýlaryňam, döräp gelýän buržuaziýanyň öňdebaryjy bölegininem garşy çykyp gelendigi belli zat ahyry. Olaryň hemmesi-de halkyň sostaw bölegi ahyry. Bu barjamly adamlaryň köp bölegi ylymly-bilimli bolupdyr, taryhyň kyn pursatynda rewolýusion herekete ýolbaşçylyk edipdir, özleriniň synpy bähbitleriniň çäginden ötüpdirler.

Adamzat taryhynda bolup geçen köp rewolýusiýalarda şeýle bolupdyr. Şol sanda Oktýabr rewolýusiýasynda hem. Şoňa görä-de Eziz hanyň pitneçi gylygyna düşünmek, onuň köp hereketleriniň sebäbini bilmek üçin türkmen halkynyň taryhynda şondan birneme öňräk bolup geçen wakalara nazar aýlamak gerek…

Eziz hanyň ýaşan döwründe general Skobelew tarapyndan Ahalyň ilatynyň wagşylyk bilen gyrylyşy entek halkyň ýadyndan çykmandy. Her otrýadynda 80-100 top bolan Skobelew diňe hyrly, gylyçdyr naýza bilen ýaraglanan ilaty aýal-erkek diýmän, çaga ýa-da goja diýmän bir ujundan paýhynlapdy. Obalary ýakyp-ýandyrypdy. Gökdepe galasyna gan çaýkapdy. Halk oňa ýöne ýerden Göziganly general diýip at bermändi. Şonda Eziz hanyň garyndaşlaryndanam az adam gyrylmandyr. Gökdepe galasynda onuň atasy Nepes Kuwat, kakasy Çapyk serdar gan döküpdir. Çapyk serdar ýüzündäki, kellesindäki alty sany ýara yzynyň ikisini Gökdepe urşunda alypdyr. Olaram müňläp ahallylar bilen bile depelenmegiň, kemsidilmegiň ajy hasratyny çekipdirler.

1916-njy ýylda bolsa başga bir patyşa generaly Madritowyň

türkmenleriň gozgalaňyny gana gark edişini Eziz han öz gözi bilen görüpdir. Tejen daýhanlarynyň gozgalaňyna ýolbaşçylyk eden Eziz hanyň özi hem jeza beriji otrýad tarapyndan yzarlanyp, ýurduny taşlap gitmäge, keseki ýurtlarda sergezdançylyk çekmäge mejbur bolupdyr.

Kolonial sütemiň ejiri etinden ötüp, süňňüne ornan türkmen daýhanlarynyň aňynda ruslara degişli hemme zada ynamsyzlyk döräpdir. Patyşa soldatlarynyň ýap-ýaňynyň özünde eden gyrgynçylygynyň, talaňçylygynyň, halkyň namysyny depelemeginiň adamlaryň aňyndan aňsat çykyp gitmejegi belli zat ahyry. Türkmenler ruslara ynanmandyrlar, her bir rus adamyny eksplуatator hasaplapdyrlar.

Patyşa imperiýasynyň apparaty daýhanlara rus medeniýetini däl-de, islendik başgaça pikirliligi basyp ýatyrmaga taýýar soldat naýzalaryny görkezýärdi. Köp rus adamlary, esasanam, häkimiýet strukturalaryna dahylly adamlar özlerini keseki ýerinde imperiýanyň emissarlary hökmünde alyp barýardylar, ýerli ilata ulumsylyk bilen garaýardylar, ony äsgermezçilik edýärdiler. Beýle ýowuzlygy, kemsidijiligi türkmenleriň hiç mädesi çekenokdy.

Eziz hanyň Aşgabadyň kontrrewolýusion hökümetine bolan gatnaşygyna täsir eden esasy zatlaryň biri hem şudy. Ol hökümet esasan düýnki çinowniklerden, ofiserlerden, kolonial administrasiýanyň hadymlaryndan düzülipdi. Ýöne Eziz han bolşewiklere, Sowet häkimiýetine belli derejede ynanypdyr diýip tassyklamagam kyn. Sebäbi olaryňam wekilleriniň köpüsi ruslardan ybarat bolupdyr. Olaram, adatça, türkmenlere ynamsyzlyk ýa-da ulumsylyk bilen garapdyrlar.

Bu ýerde hemme zat gaty çylşyrymly. Taryhy geçmiş analiz edilende birmanyly baha berjek bolmaly däl. Özem taryhy geçmiş bizi birek-birekden daşlaşdyrmaly däl, gaýta rus bolsun, türkmen bolsun – Türkmenistanda ýa-da başga bir özbaşdak döwletde ýaşaýan ilatyň bir bütewi halkdygyny ýatlatmaly, biziň hemmämiziň bir taryhyň – bir gäminiň adamydygymyzy ýatlatmaly, biziň ykbalymyzyň birdigini ýatlatmaly.

Eziz han bu zatlara düşündimikä? Ol bir zada – Sowetler ýeň-

se özüniň han bolup bilmejekdigine aýdyň göz ýetiripdir. Ýöne Aşgabat hökümeti Eziz hanyň il arasynda meşhurlygyny nazarda tutup, oňa päsgel bermän, gaýta oňa ýalynjaňlyk eden döwründe, ol özüni görkezmegi başarypdy. «Bütewi hem bölünmez Russiýany» täzeden dikeltmek baradaky monarhiýa ideýasyna maýyl bolan Denikin, başga islendik territoriýada bolşy ýaly, Zakaspide hem hiç bir «özbaşdaklyga» ýol bermezdi. Muňa Eziz han hem düşünipdir, ol ak gwardiýaçylar barka özbaşdaklyk gazanyp bilmejekdigine, özbaşdak hanlygy edara edip bilmejekdigine düşünmez ýaly, beýle bir sada adam däl eken. Özüni ykrar etmeg-ä beýlede dursun, gaýtam yzarlap başlan ak gwardiýaçy häkimiýetleriň yrgalygyny gören Eziz han iki towkynyň kiçirägini saýlap alýar, bolşewikleriň üstüne wekil iberýär.

Emma ol gijä galypdy, juda gija galypdy. Eziz hanyň ykbaly eýýäm çözülip goýlupdy.

Adamlar gazaba akylyny aldyryp, parahatçylygy, barlyşygy, özlerine duşmançylygyň garaşýandygyny, duşmançylygyň bolsa jebri-jepa, ahyrynda bolsa heläkçilige sezewar edýändigini unudýan borly. Munuň şeýledigine Eziz han düşündimikä? Munuň şeýledigine eginleri altyn pogonly ýa-da gaýyş kurtgaly adamlar düşündimikä? Aslynda hristiýan ynsanperwerligini ene süýdi bilen endamyna siňdiren bu dworýan hem daýhan çagalarynda şeýle ýowuzlyk nireden peýda bolduka? Olar: «Gana galma…ýakynyňy söý» diýen mukaddes ýazgy bilen çagalygyndan tanyş ahyry. Ýöne olar Eziz hany öň ele salyp bilen bolsalar, gaýgyryp durarmydykalar? Eger däsirisi artyk gelen bolsa, Eziz hanam olary gaýgyryp durardymyka?

Ol wagtlar adamlar ähli moraly ýatlaryndan çykarypdyrlar. Kim biziň bilen bolmasa, ol bize garşydyr diýen adamkärçiliksiz şygara uýup, bir günüň aladasy bilen ýaşapdyrlar. Öz döwrüňden ýokary göterilip bilmek üçin parasatlylyk gerek bolupdyr. Ýöne şeýle parasatlylyk Sowetlere-de, Eziz hana-da ýetmezçilik edipdir. Kollektiw paýhasa daýanmaly Sowetlere-de, özlerini ýeriň-gögüň diregi saýyşyp oturan ahunlar, işanlar tarapyndan daşy gurşalan Eziz hana-da, Sowetleriň ýolbaşçylary hem, Eziz hanyň «ministrler soweti» hem Muhammet pygamberiň hadys-

daky iki tarapy hem ylalaşyga getirip biljek «bize garşy däl adam biziň bilendir» diýen pendini unudypdyrlar.

Elbetde, giň ýerde akyl satmak kyn zat däl. Ýöne her niçigem bolsa, bolşewiklere garşy göreşen ak gwardiýaçylar hem iňlisler has zalym, has ganhor bolupdyrlar. Daýhanlar serdary Eziz hany hem Sowetler däl-de, şolar atypdyr.

Häzir käbir alymlar, publisistler geçmişe howaýy düşündiriş bermek we ony ýoýup görkezmek bilen 1917-nji ýylyň Oktýabryny iňkär etmäge ymtylýarlar. Adamzat jemgyýetiniň tutuş taryhy juda mätäçlik bolaýmasa, halkyň köpçüliginiň rewolýusion çykyşa baş goşmaýandygyny görkezýär. Halk köpçüliginiň şeýle çykyşlaryna, diňe agalyk ediji gatlaklaryň, toparlaryň, synplaryň syýasaty, şol syýasat esasynda emele gelen adatdan daşary ýagdaýlar sebäp bolýar. Sarizm bilen buržuaz Wagtlaýyn hökümet tebigaty boýunça halka garşydy, şonuň üçinem olary ýykmak gerek bolupdy. Monarhiýa diýip göz ýaş dökýän, rewolýusiýadan ozalky Russiýany ideallaşdyryp görkezýän adamlara hiç düşünip bilemok. Şol Russiýa özüniň garyplygy bilen, yzagalaklygy bilen dünýä bellidi. Ilatyň 90 prosenti sowatsyzdy. Orta Aziýada bolsa ondanam köpdi. Patyşa Russiýasy hakda, onuň gedaýçylykda hem çykgynsyz ýagdaýda ýaşaýan halklary hakda, mätäçlik, açlyk zerarly aýaga galan adamlaryň gozgalaňlary hakda ýürek awamak bilen ýazan beýik rus klassyklarynyň, Ýewropa hem Gündogar syýahatçylarynyň kitaplaryny okap görüň. Diňe Rewolýusiýa Russiýany hem, onuň milli künjeklerini garaňkylykdan çykardy. Taryhy taýdan kanunalaýyk Beýik Rewolýusiýa adamzat taryhynda täze eýýamy açdy. Gürrüň diňe uçdantutma sowatsyz, syýasatdan arasy daş, bir döwüm çöregiň, uly maşgalany iýdirip-içirmegiň, geýindirmegiň juda kyn aladasy bilen ýaşan urşuň elhençliklerini başyndan geçiren türkmen daýhanlarynyň ony kabul etmäge nähili derejede taýýar bolandygy hakda gidip biler. Daýhanlar Sowet häkimiýetiniň ideýalaryny we şygarlaryny gürrüňsiz kabul etdiler diýip, özümizi hem, özgeleri hem aldajak bolmagyň geregi ýokmuka diýýärin. Näme üçin?

Adam özüniň tebigaty boýunça şeýle ýasalypdyr – ol öz wata-

nyny, mähriban topragyny ideologiýadan, durmuşa geçirilmedik jemgyýetçilik ideýasyndan ileri tutýar, Daýhan ogly Eziz hanam şeýle bolupdyr. Ýöne ony öz tarapyna çekmekçi bolanlaryň hemmesi-de bu ýagdaýy hasaba almandyrlar. Owadan şygarlaryň öňe sürülmegi bilen zähmetkeş adamlaryň durmuşy gowulaşmandyr, gaýta gün-günden erbetleşipdir.

Eziz han hakda tä şu günlere çenli hem agalyk edip gelen neobolşewistik ideologiýa laýyk gelýän, ençeme onýyllyklar bäri gaýtalanyp gelinýän ýerliksiz hem toslama zatlar ýazylyp gelinýär. Hatda çeper eserleriň birinde ol rus patyşasy bolmagy arzuw edip ýören adam edilip görkezilýär…Elbetde, okamagy, ýazmagy bilmeýän, gol çekmegiň deregine kagyzyň ýüzüne syýa çalnan başam barmagyny basýan düýbünden bisowat adamy beýik imperiýanyň monarhy hökmünde göz öňüne getirmek kyn.

Ine, taryhy şeýle derejede ýoýup geldiler, taryhy şahsyýetiň nädogry obrazyny döredip geldiler. Elbetde, munuň üçin ol eserleriň awtorlaryny günälemek mümkin däl. Bu olaryň betbagtlygy. Dowam edip gelen sistemanyň – adamy, şol sanda «adam ruhunyň inženerlerini» hem «nurbatjyga» öwren sistemanyň döreden betbagtlygy.

Eziz han hakda aýdylýan zatlara ynanjak bolsaň, ol gaty despot adam, iliň pikirini hasaba almaýan adam bolupdyr. Bolup biläýjek zat, sebäbi zamana gaty ýowuz bolupdyr. Ýowuz zamanany hem şu günüň ölçegleri bilen däl-de, öz ölçegleri bilen ölçemek gerek. Şu ýerde parasatly bir adamyň aýdan sözlerini ýatlamak ýerlikli bolsa gerek: «Her kimiň öz hakykaty bar. Ýöne adamlar başga kişiniňem hakykatyny görmegi hem oňa hormat goýmagy öwrenmeseler, gabahatlyk zynjyrynyň halkasy hiç wagt üzülmez». Bolşewikleriň syýasatynyň mähek daşy bolup duran synpy teoriýa diňe bir hakykaty – häkimiýetiň güýjüni ykrar edýärdi. Ýöne zorluk adamlary, halk köpçüligini kesekiniň erkine tabyn etmegiň iň gowy serişdesimikä? Eýsem mejbury edip adamlary öz yzyň bilen alyp gitmek bolarmy? Fransuz ýakobinçileri zorluga daýanypdylar, bolşewiklerem olaryň göreldesine eýeripdiler. Duşman boýun egmese, ony ýok edýärler!

Dogry, bu sözler has soňrak döräpdi. Ýöne ondan ozalam, ondan soňky ýetmiş ýylyň dowamynda-da köp nesiller «halk duşmany hasaplanmak» howpy astynda ýaşap geldi. Resmi pikir bilen razylaşmadyk, öz pikirini aýtmaga het eden adamlaryň bary halk duşmany hasap edilýärdi.

Ine, şu ýagdaýlaram Eziz han hakda özüme mälim bolan materiallary öz wagtynda okyjylara ýetirmäge päsgel beripdi. Bu tema düýbünden gadagandy. Resmi ideologiýa ol hakda bir manyly pikirdedi – Eziz han serdaryň oglumy, onuň kakasy hökman ekspluatator, ganhor bolaýmaly. Şonuň üçinem onuň ogly hem han. Ýöne aslynda Eziz han han däldi, sada orta daýhandy, obanyň mirabydy. Ony gaty adyllygy hem dogruçyllygy üçin halkyň özi han saýlapdy. Onuň kakasy Çapyk serdar bolsa ýaş wagtlary alamana serdarlyk eder eken. Ýöne soň garyp düşüpdir we 1911-nji ýylda Ahaldan Tejene göçüp barypdyr. Şol ýerde onuň özem, kakasy Nepes Kuwat hem, ähli ilen-çalanlary hem daýhançylyk bilen meşgul bolupdyr.

Ýöne serdarlyk talanty Eziz hanyň ganynda bar borly. Onuň garry atasy Kuwat hem ýaş wagty alamançylyk edipdir, Eýrana, Hywa gidipdir. Ony alamançylyk etmäge mejbur edipdirler. Ol öz melleginde parahat işläp ýörkä, eýranly gyzylbaşlar ony ýesir edip äkidipdirler. Ol tä obadaşlary satyn alaýýança, tutuş üç ýyllap ýesirlikde bolupdyr. Ýöne ýesirlikde geçirilen ýyllar boş geçmändir. Kuwat pars dilini öwrenipdir, arap hatyny öwrenipdir. Herrikgalalylar ony alaman serdary edip saýlapdyrlar. Ol gaýduwsyzlykda hem adyllykda obadaşlarynyň ynamyny aldamandyr.

Şeýdip bu neberäniň şöhraty nesilme-nesil artypdyr. Eziz han hem özüniň şahsyýetiniň sagdynlygy bilen ata-babalarynyň şöhratyna şöhrat goşupdyr. Ol halka päk ýürek bilen gulluk edipdir, mätäçlere goldaw beripdir, biçäreleri gorapdyr. Ol neşe-de çekmändir, aragam içmändir. Diňe käte suw çilimine agyz degrer eken. Häkim hökmünde Tejen etraplarynda çäklendirilmedik hukukdan peýdalanan hem bolsa, beýleki köp feodal hanlar ýaly oýnaşam tutunmandyr, kesekiniň aýalyna-da göz gyzdyrmandyr. Öz aýallary bilen oňupdyr. Onuň üç aýaly bar

eken. Musulmançylyk köp aýallylygy ýazgarmaýar, yslam her bir erkek adama dörde çenli aýal almaga rugsat edýär. Muhammet pygamberiň özüniňem dört aýaly bolupdyr.

Eziz hanyň başdaş aýaly oňa Hajymuhammet diýen oglunу dogrup beripdir, ýöne görgüli ýaş üstünden ölüpdir. Onuň beýleki bir aýaly Ogulnäzik dakylma eken. Ol Eziz hanyň uly agasy Kasymgulynyň aýaly eken. Ogulnäzikden Ogulabat diýen gyz bolýar. Eziz han öldürilenden dört aý soň bolsa Döwranmuhammet diýen ogly bolýar. Otuz iki ýaşly daýhanlar serdary Kaspiniň kenarynda atylandan alty aý soň bolsa onuň üçünji aýaly Aýnabat Amanmuhammedi (Hommady) dogurýar.

Bagşy-miriş neberesiniň abraýy Ahalda gaty uly eken. Herrikgalalylar öz ildeşleriniň tussag edilenini eşiden batlaryna tutuş oba bolup diýen ýaly ony boşatmak üçin Aşgabada şäher türmesine gelipdirler. Ýöne ol ýerden Eziz hany tapmapdyrlar. Ak gwardiýaçy häkimiýetler halk tolgunyşygyndan heder edip, ony irgözinden Krasnowodskä äkidipdirler.

«Zakaspide bolşewikler podpolýesi» diýen kitabymda il arasynda uly abraýy bolan Eziz hanyň köp hereketleriniň ukrain anarhisti N. I. Mahnony ýatladýanlygy hakda ýazypdym. Ony Mahnonyň türkmençe wariýanty hasaplamak mümkin.

Eziz han 1916-njy ýylyň gozgalanynyň ýolbaşçylarynyň biridi. Ol patyşa administrasiýasyna garşy batyrgaýlyk bilen çykyş edipdi. Soňra bolsa Owganystanda gizlenipdi. Eziz hanyň daýhanlar arasyndaky abraýy artypdy. Mahno hem sarizme garşy çykandygy üçin ýaş wagty ölüm jezasyna höküm edilipdi. Soňra bu jeza ömürlik katorga bilen çalşyrylypdy. Elbetde, gep bu iki daýhan serdarynyň terjimehalynyň daşky meňzeşliginde däl, ýöne olaryň arasynda umumylyk kän.

Fewral rewolýusiýasy tarapyndan azat edilen Mahno hem Eziz han ýaly (iki serdar ýaşytdaş diýen ýaly eken, türkmen serdary öz ukrain «gardaşyndan» diňe iki ýaş uly eken) watanyna dolanyp gelýär. Ony halk daýhanlaryň howandary, halkyň bagty ugrunda göreşiji hökmünde, ýeriň adyl paýlanmagynyň tarapdary hökmünde garşylaýar. Ony daýhanlar Sowetiniň başlygy we daýhanlar deputatlarynyň ýerli Sowetiniň başlyklygyna

saýlaýarlar. Tejenli daýhanlar hem pitneçi Eziz hana uly ynam bildirýärler, ony halk häkimiýeti organlaryna saýlaýarlar.

Oktýabrdan soň Eziz han Türkmenistanda, Mahno Ukraina-da Sowetlere gulluk etmäge isleg bildirýär. Mahno W. I. Lenin, Ý. M. Swerdlow, F. E. Dzeržinskiý bilen duşuşýar, Eziz han bolsa Türküstan respublikasynyň hem Zakaspi oblastynyň ýolbaşçylarynyň ýanyna barýar. Ol Öwezberdi Kulyýewy, Gaýgysyz Atabaýewi tanaýar eken, N. A. Paskuskiý bilen ýakyn tanyş eken. Olaryň ikisi hem goşun formirowaniýelerini düzüpdirler. Mahno gozgalaňçylar goşunyny düzüpdir. Eziz han türkmen ýigitleriniň atly otrýadyny döredipdir. Eziz hanyň atly otrýadyny Türküstan respublikasy Dutowyň ak kazaklar bandasy bilen göreşe iberýär, onuň bir bölegi bolsa garnizon gullugyny etmäge bellenýär.

Mahnonyň şöhraty butin Ukrainany gurşap alýar. Ol 72 wolostdan ybarat ägirt uly territoriýa kontrollyk edipdir, pomeşikleriň, germanlaryň, nemes okkupantlarynyň garşysyna partizançylyk göreşini alyp barypdyr. Resmi taryh ylmy Mahnony «tüýs kontrrewolýusion tip» hasap edýänem bolsa, ol Sowet häkimiýetiniň duşmanlaryna garşy göreşmek bilen, özüni ajaýyp serkerde hökmünde görkezipdir. Partizançylyk urşunyň taktikasyny kämillik derejesine ýetiripdir. Denikiniň garşysyna söweşlere gatnany üçin, onuň goşunlarynyň üstünden ýeňiş gazanany üçin N. I. Mahnonyň Gyzyl ýyldyz söweşjeň ordeni bilen sylaglanandygyny köp adamlar bilýänem däldir. Şol döwürlerde bu beýik sylaga mynasyp bolan adamlary barmak basyp sanaýmalydy. 1918-nji ýylyň ahyrynda, 1919-njy ýylyň başlarynda «kombrig-batka» we onuň bölümleri Ýekaterinslawa batyrgaý hüjüm edýär, soňra bolsa Gyzyl Goşuna goşulyp, Petlýura garşy, denikinçiler bilen söweşýär. Gepiň gysgasy, onuň goşuny aklara garşy işeňňir söweşýär.

Eziz hanyň Sowetleriň tarapdary bolmagy üçin, ýene gaýtalaýaryn, sypaýylyk, sabyrlylyk, öňünden görmegi başarmak, ylalaşyga gitmek, bir günlük bähbitlerden geçmek gerek bolupdyr. Ýöne gizläp oturmagyň hajaty ýok, köp komissarlaryň men-menligi köp zada päsgel beripdir. Eziz hanyň özbaşdaklyga, erkin hereket etmäge bolan ymtylyşy sowet komandowaniýesi tarapyn-

dan berk garşylyga sezewar bolupdyr. Olar tejenli serdar hem onuň ýakyn adamlary bilen parasatly, sabyrly gatnaşyk etmegiň deregine, harby konflikte gidipdirler, ýaragly güýç ulanypdyrlar. Zakaspi frontunyň ýolbaşçylary, onuň partiýasyýýasy baştutanlary Eziz hanyň aklar döwründe hem, gyzyllar döwründe hem daýhan hojalyklarynyň erkinligi ugrunda dalaş edýändigini hasaba almandyrlar. Eziz han daýhanlar hojalygy babatda (suw desgalaryny remont etmekde, ilatdan salgyt ýygnamakda, baýlaryň artykmaç gallasyny konfisklemekde we ş. m.) özbaşdak syýasat ýöretmäge ymtylypdyr. Bu ýagdaý daýhanlaryň esasy köpçüligi tarapyndan goldaw tapypdyr. Ol gaty uly garamaty – ile çörek bermek garamatyny öz egnine alypdyr. Açlyk ýyllarynda beýle etmek her kime başardyp duran zat bolmandyr.

Batka Mahno hem öz halkynyň aladasyny edipdir. Özüniň kontrollyk edýän territoriýasynda kommunalar-obşinalar döredipdir, azyk salgydyny gadagan edipdir. Daýhanlaryň gallasyna göz gyzdyran adamlaryň hemmesini kowupdyr. Troskiniň «daýhanlary talamak» meýline garşy çykypdyr. Mahnonyň «anarhistlik» hereketleri şol döwürlerde harby-deňiz halk komissary bolup işlän hökmürowan L. D. Troskini gahar-gazaba mündüripdir. («Mahnoçylyk» diýen termininiň awtorynyňam Troskiý bolandygyny aýdyp goýalyň).

Gepiň gysgasy, gödek, güýje daýanmak syýasatynyň ulanylmagy Eziz hany hem, Mahnony hem sowet häkimiýetinden daşlaşdyrypdyr.

Häzir, Eziz hanyň öleli bäri şunça ýyllar geçensoň, men öz ýanymdan oýlanýaryn. Eger Eziz han şonda Sowet häkimiýetiniň tarapyna geçäýen bolsa, diri galardymy? Diri galardymyka diýýärin... Aýratyn hem entek Sowet häkimiýetiniň ýeňen halkyň erkini beýan edýan, entek totalitar sistemanyň nogsanlaryndan azat döwründe, entek bütin ýurduň üstüne, her adamynyň üstüne Staliniň eýmenç kölegesiniň abanmadyk döwründe. Sowet häkimiýeti entek «halklaryň beýik serdarynyň» demir penjesine düşmändi. Ol wagtlar Sowet häkimiýeti geçirimlilik edip bilýärdi, düýnki synpy duşmanlarynyň günäsini bagyşlap bilýärdi.

Sowet häkimiýeti 1920-nji ýylyň 21-nji aprelinde Zakaspi ob-

last rewolýusion komiteti tarapyndan «Birinji Türkmen maslahatynyň razylygy bilen» «ak gwardiýaçylar bilen türkmen oblastyndan gidenleriň hemmesine» dabara bilen günä geçişlik yglan edipdi. Rewkom ýaňy döräp gelýän buržuaziýanyň, milli intelligensiýanyň köp wekilleriniň atlaryny, şolaryň arasynda Oraz serdaryň, Bekki Berdiýewiň, Han Ýomutskiniň, Nikolaý Ýomutskiniň we beýlekileriňem atlaryny agzap, olary «Sowet häkimiýetiniň bilkastlaýyn duşmanlary hasap etmezlige çagyrypdy. Olaryň hemmesini «Rewolýusion tribunalyň öňünde jogapkärçilik çekmejek bolsalar, bu buýrugy takyk berjaý etmäge» borçly edipdi[1].

Eziz han Sowetleriň tarapyna geçmäge gyssanan bolsady, ähtimal, ol diri galardy, türkmen topragyny interwentlerden hem ak gwardiýaçylardan arassalap, öz nökerleri bilen Kaspi deňzine ýetmek miýesser ederdi. Onuň kömekçisi hem pikirdeşi Gyzyl aga Saryýew şeýdipdi. Ol öz atlylary bilen gyzyllaryň tarapyna geçip, aslynda öz serdarynyň pikirini durmuşa geçiripdi.

Hasratly otuzynjy ýyllarda, türkmen halkynyň görnükli adamlarynyň milli intelligensiýanyň gülüniň tutuşlygyna diýen ýaly jezalandyrylan döwründe Eziz hanyň ykbalynyň nähili boljak ekenligini kim bilýär? Eziz hanyň otrýadynda gulluk eden Gyzyl Saryýew, Berdi Kerbabaýew, Annamyrat Saryýew dagy hem «halk duşmanlarynyň» keç ykbalyndan halas bolup bilmändiler. Olar tussaglygyň, ýanalmagyň ähli jebir-jepasyny başlaryndan geçirmeli bolupdylar. Ýöne her niçigem bolsa ykbal olara garaşyk edipdir diýmeli. Olar öz mähriban topragynda, öz öýünde, ýakyn adamlarynyň arasynda uzak ýyllap ömür sürdüler. Ýöne beýle ykbal hemmelere miýesser etmedi.

37-nji ýylyň elhenç tragediýasy öň Eziz handa gulluk eden köp jigitlerden sowa geçmedi. Olar «kontrrewolýusion» işde, «iňlisleriň we ak gwardiýaçylaryň peýdasyna» içalylyk etmekde aýyplandylar. Tussag edilenleri, uzak möhlet bilen ýyl kesilenleri, sürgüne iberilenleri, bigünä ýerinden atuwa höküm edilenleri ýeke-ýeke sanap çykmak mümkin däl. Olara hem fiziki, hem

[1] TSSR MDA. f. 12, op. 2, d. 5, l. 50.


enedilim.com

ruhy sütem edildi. Hatda Eziz hanyň garyndaşlaryna çenli, rewolýusiýadanam ozal ölüp giden doganlarynyň çagalaryna çenli sürgün etdiler. Salyh Çapykowyň gyzy Amangözelem şolaryň arasyndady. Soňra ol belli türkmen magaryfçysy hem ýazyjysy Baba Japarowyň aýaly bolupdy. Baba Japarowyň özüniňem görmedigi görde galypdy. Oňa ynam etmändiler, bir topar wezipeden kowupdylar. Onuň köp golýazmalary diňe Eziz hanyň doganynyň gyzyna öýlenendigi üçin öz wagtynda çap edilmän galypdy.

Eziz hanyň nökerleriniň biri, ýüzbaşy Anna gowşak hem kesilen ýyly türmede sagatma-sagat oturyp çykypdy. Oňa ýöňkelýän bar «günä» 1916-njy ýylda Eziz han bilen Owganystana gidenligi hem soňra onuň otrýadynda gulluk edendigidi.

Eziz hanyň ogullarynyň üçüsi hem türmäniň gözeneginiň aňyrsyna dykylypdy. Kakasy ölende ýaňy ýedi ýaşyna ýeten Hajymuhammet onuň keşbini çala göz öňüne getirip bilýärdi. Hiç wagt kakasyna ýüzi düşmedik, ýaňy on sekiz ýaşyna giden Döwranmuhammet bilen Amanmuhammedi hem gaýgyrmandylar. Hajymuhammet bilen Amanmuhammet (Hommat) türmede tas on ýyllap oturanlaryndan soň, sag-aman öýlerine gaýdyp gelipdi. Döwranmuhammet türme durmuşynyň agyr jebrine çydap bilmändi hem gurban bol

Hommat Ezizowdan oňa näme günä ýöňkändiklerini soraýaryn.

– Sülçiniň kellesine gelen zadyň baryny…– diýip, ol jogap berýär. – Eziz hanyň otrýadynda näçe atly bolupdyr diýip soraýarlar. Ol zatlary men nireden bileýin. Men ol wagtlar dünýä inmändim ahyry. «Näme, kakaň garyndaşlary ýa-da nökerleri gürrüň bermeýärmidi?» diýip, sülçi ýene soraýar. Her kim bir zat diýýärdi, biri ýüz atly diýýärdi, ýene biri bäş ýüz atly diýýärdi diýip jogap berýärin… Ýöne men kakamyň nökerleriniň sanyny birneme az edip görkezmäge çalyşýardym. Ýöne bir ýapyşalgajyk tapsa razy sülçä meniň aýdýan sanlarymam ýeterlikdi. Diýmek, seniň kakaň hemme nökerleri atly, ok-ýaragly eken diýip, sülçi öz-özünden toslap başlaýardy. Olary bu zatlar bilen üpjün eden kim? Eziz han! Diňe baýlarda şunça nö-

ker bolup bilýär. Baýlar bolsa Sowet häkimiýetiniň duşmanlary. Garyplarda nöker bolanok. Diňe baýlarda, diňe duşmanlarda bolýar. Sen bolsaň, Hommat, şeýle duşmanyň ogly… Şeýdip, şeýdip günä baryny ýöňkeýärler. Onsoň saňa diňe gol çekäýmek galýar. Bary bir gol çekdirýärler.

– Sülçüler Eziz hanyň üç aýalynyň bolandygyny bilýärdilermi?

– Elbetde, bilenokdylar. Bilen bolsalar ýene bir maddany ýelmärdiler. Kakamyň aýallary üçinem jogap bermeli bolardy – diýip, Hommat gülmän-yşman, gara çyny bilen dowam edýär. – Ýogsa ogul atasy üçin jogap berenok diýýän Staliniň özüdi. Bu baryp ýatan galatlyk eken. Bizden atamyz üçin jogap sorabildiler. Ýogsa Eziz hanyň öz halkynyň öňünde etmişi ýokdy, halkyň öňünde onuň ynsaby päkdi…

Eziz hanyň diňe ýekeje gyzy Ogulabada ykbalyň rehimi inipdi. Ol golaý ýyllarda aradan çykýança Aşgabat raýonynyň «Sosializm» kolhozynda ýaşapdy. Bagtyna, ony tussag etmändiler, türmä dykmandylar. Ony halas eden zat durmuşa çykyp, familiýasyny üýtgedenligi bolsun gerek. Häzir Eziz hanyň diňe ýeke ogly Amanmuhammet (Hommat) diri gezip ýörenem bolsa, onuň kökleri çüýräp, atsyz-sorsuz ýitip gitmedi. Onuň dogduk obasy Herrikgalada, goňşy Ýasmansalyk obasynda, Aşgabatda – tutuş Türkmenistanda Eziz hanyň köp agtygy, çowlugy ýaşap ýör. Olaryň hemmesi ýüze golaý bar. Eger Çapyk serdaryň yzynda galan neberesini sanajak bolsaň, şükür, ondanam köp…

Tejenli daýhan serdary Eziz han hakda şu wagta çenli mälim zatlaryň bary şu. Taryhyň belli bir döwründe öçmez yz galdyran bu ajaýyp şahsyýetiň taryhyny öwrenýän wagtyňda biygtyýar halda şol döwür bilen biziň akgynly şu günlerimiziň arabaglanyşygy hakda oýlananyňy duýman galýarsyň.

Taryhy hakyky dörediji halkdyr diýip tassyklaýan wagtymyzda, biz muňa çynymyz bilen ynanýarys. Ýöne islendik taryhy eýýamy haýsydyr bir şahsyýet, ol ajaýyp şahsyýet bolsun ýa-da ýigrenji şahsyýet bolsun – tapawudy ýok, alamatlandyrypdyr. Million adamlaryň ykbaly bir adamynyň erki, islegi, paýhasy bilen kesgitlenipdir. Olar jemgyýeti islän ugurlaryna gönükdi-

ripdirler. Isleseler, progrese hem rowaçlyga gönükdiripdirler, isleseler, açlyga, jebir-jepa, uruşlara gönükdiripdirler. Bu ýagdaýlaryň, tutuş halklary heläkçilige getiren halatlary hem seýrek bolmandyr. Beýle ýagdaýlar golaý taryhy geçmişde-de az bolmandy.

Rewolýusion 1917-nji ýyl, heläkçilikli 30-njy ýyllar, ýowuz 41-nji ýyl…85-nji ýyl näme?.. Ýa-da täze döwlet hem partiýa işgärleriniň erki bilen SSKP-niň arenadan düşen, soňra bolsa dünýädäki uly döwletleriň biri SSSR-iň çagşan ýyly bolan 91-nji ýyl näme?.. Biziň – million-million adamlaryň özümiziň sowet graždanydygymyza buýsanyp ýörenimiz düýn dälmidi näme? Birdenem öz göwnümiziň tersine uly Watanymyzy ýitirdik oturyberdik.

Bu zatlar nämäniň netijesi? Şahsyýetleriň isleginiňmi, döwlet işgärleriniň şowakör syýasatynyňmy? Ýa-da bu baş bermez tebigy hadysamy? Adamzat jemgyýetiniň taryhy ösüşi bilen şertlendirilen kanunalaýyk hadysamy? Ýeri, kimi taryhy dörediji hasap etmeli? Halkymy ýa-da syýasy işgärleri?

Öz döwründe Eziz hanyň ykbalyny çözen kim? Türkmen daýhanlarynyň, tutuş halkyň geljeginiň ykbalyny, onuň haýsy jemgyýetde nähili ýaşamalydygyny, haýsy sistemany saýlap almalydygyny kesgitlän kim? Halk arasynda «çagyrylan ýeriňe irinme, çagyrylmadyk ýeriňde görünme» diýen pähim bar. Bu ýerde çagyrylmadyk ýerine gelmeg-ä däl, kesekiniň öýüne zomap girdiler, onda öz kanunlaryny hem düzgünlerini berkarar etdiler, halamadyklaryny öldürdiler, halanlaryny ýalkadylar. Gepiň gysgasy, kesekiniň metjidine öz dinleri bilen girdiler.

Eziz hanyň ömrüni «siwilizasiýaly» gelmişekler üzdüler. Ony edil wagşy, ýyrtyjy bir haýwany awlan ýaly awladylar. Belki, ol britan korolewasynyň päkligine kast etjek bolandyr? Belki, ol Monomahyň patyşalyk telpegine dalaş edendir?

Eziz hanyň bar «günäsi» onuň öz mähriban topragynda agalyk edip ýören kesekileriň garşysyna çykyş edenliginden, öz mähriban ülkesini, özüni söýen hem mynasyp serdar diýip ykrar eden halkyny özüniň edara etmek islänliginden ybaratdy. Onsoňam ol töweregindäki adamlaryň hiç birine meňzemeýärdi,

özüni sadyk hyzmatkärine öwürmek isleýän adamlara meňzemeýärdi.

Eziz hanyň zanny şeýledi, onuň başga hili bolmagy mümkin däldi. Ol öz zamanasynyň ogludy, çylşyrymly, gapma-garşylykly şahsyýetdi. Artykmaç taraplaram bardy, kemçiliklerem. «Sähra rysarynyň» keşbi gümürtik zamananyň umumy fonuna kybap gelmändi. Ol «meşhur nesillerden» bolan köp adamlardan parasatly hem uzakdan görüji bolup çykypdy. Ol halkyň azaryny ýüregi bilen syzypdy. Galplyga, gabahatlyga tap getirip bilmändi. Onuň ynjalyksyz, düşnüksiz zamanada, könäniň weýran edilen, täzäniň bolsa gurlup ýetişilmedik zamanynda doglup, şol zamanada ýaşamaly bolandygy üçin ol günäkärmi? Onuň paýyna biziň döwrümize meňzeş döwürde, könäniň, ýöne entek we ömrüni gutarmadyk zatlar bilen birlikde diňe möwritini geçiren zatlaryň däl, eýsem mukaddes, ömürlik, şonuň üçinem mähriban zatlaryňam weýran edilip taşlanan, olaryň deregine bolsa kabul ederlikli zadyň döredilmedik zamanynda ýaşamak düşüpdi.

Bulaşyk zamanalaryň kanuny şeýle. Durmuş şeýle.

**Rahym M. Esenow, Eziz han hakda hakykat.**
3 goýberiliş
«ÇÄÇ» döredijilik-önümçilik birleşigi
Aşgabat — 1992

—

Terjime eden N. Hojageldiýew.
Resenzent taryh ylymlarynyň doktory, professor K. Muhammet-berdiýew.
Redaktor Ý. Annagurbanow.

—

Bu kitapdaky maglumat "bolşy ýaly" esaslarda, kepilliksiz getirilýär. Bu iş taýýarlananda ähli seresaplyk çäreleri görlen hem bolsa, ne awtor(lar), ne «Enedilim.com» sahypasy bu işdäki informasiýa sebäpli çekilen göni ýa gytaklaýyn ýitgi ýa zelel üçin hiç bir adamyň ýa guramanyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

—

PDF-a geçirildi: 17. Ýanwar 2016
«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy.